MAKTABGACHA VA MAKTAB TA'LIMI VAZIRLIGI

PEDAGOGIK MAHORAT VA XALQARO BAHOLASH ILMIY-AMALIY MARKAZI

Respublika Ta'lim Markazi

# 2025-2026-njy OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ

# 11-NJI SYNP

# OKUWÇYLARY ÜÇIN

# ENE DILI WE EDEBIÝAT

# PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTASIÝASYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA METODIK MASLAHAT WE MATERIALLAR

SAÝLOW PREDMETLERI

# 2025-2026-njy OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERINIŇ 11-nji SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN ENE DILI WE EDEBIÝAT PREDMETINDEN JEMLEÝJI BARLAG TEST ÝUMUŞLARYNYŇ SPESIFIKASIÝASY

Bu spesifikasiýa umumy orta bilim berýän we ýöriteleşdirilen mekdepleriň 11-nji synp okuwçylarynyň Ene dili we edebiýat predmetinde bilimlerini, endiklerini we kompetensiýalaryny bahalamakda peýdalanylýan test ýumuşlarynyň mazmuny, gurşawy, görnüşi, gurluşy, bahalamak ölçegi we geçirmek tertibine goýulýan talaplary kesgitleýär.

## I. Umumy ýörelgeler

Bahalamagyň maksady – 11-nji synp okuwçylarynyň Ene dili we edebiýat predmetlerinden bilimlerini, endiklerini we kompetensiýalaryny ulanyşdaky maksatnamalarda bellenilen okuw maksatlary esasynda kompleks bahalamak. Bu bahalamagyň netijeleri esasynda 11-nji synplar üçin jemleýji döwlet attestasiýasynda kabul edilýän kararlar esasly bolmagyny üpjün etmek maksadynda bahalamakda ynamlylyk, adalatlylyk we aýdyňlylyk ýörelgelerine berjaý edilmegi üpjün edilýär.

## II. Kadalaşdyryjy esaslar

1. Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministriniň 2008-nji ýylyň 4-nji martyndaky «Umumy orta bilim alyjylaryň jemleýji döwlet attestasiýasy baradaky kanuny tassyklamak hakynda»ky 56-belgili buýrugy bilen tassyklanan, «Umumy orta bilim alyjylaryň jemleýji döwlet attestasiýasy hakyndaky tertipnama».
2. Ene dili we edebiýat predmetleriniň 5-11-nji synplar üçin ulanyşdaky okuw maksatnamasy.
3. Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministriniň 2026-njy ýylyň 16-njy martyndaky «2025-2026-njy okuw ýylynda umumy orta bilim edaralarynda okuwçylaryň jemleýji döwlet attestasiýasyny guramak we geçirmek hakynda»ky 102-nji belgili buýrugy.

## III. Bahalamak gurşawy we bellenilen wagt

Ene dili we edebiýat predmetlerinden okuwçylaryň bilim derejesini anyklamak boýunça jemleýji döwlet attestasiýasy synagynda jemi 25 sany test ýumşy berilýär.

**1-nji bölüm:** 22 sany gysga jogaply (13 sany ene dili, 9 sany edebiýat) ýumuşlardan ybarat. Bu bölümde jogap bir sany san, baş harp bilen ýazylan jogap görnüşinde berilmeli.

**2-nji bölüm:** Giňeldilen jogaply 3 sany (2 sany ene dili, 1 sany edebiýat) ýumşy öz içine alýar, berlen ýumşa esasly deliller bilen anyk hem-de döredijilikli pikirlenip ýazuw arkaly jogap berýär.

Her bir synag wariantynyň sorag we ýumuşlary predmet boýunça bolup, umumy orta bilim berýän mekdepleriniň orfografiýa, punktuasiýa, stil, lingwistik derňew, teksti düşünmek, şeýle hem, milli, dünýä edebiýaty, edebiýat nazaryýeti ýaly mazmun ugurlaryny öz içine alan. Maslahatda bilmek, ulanmak we Pikir ýöretmekk kongitiw işjeňliklere degişli ýumuşlar boýunça bahalamak ölçegleri getirilen.

Her bir wariantda okuwça 25 sany (15 sany ene dili, 10 sany edebiýat) sorag berilýär. Soraglaryň 5 sanysy (3 sany ene dili, 2 sany edebiýat) bilmäge, 15 sanysy (9 sany ene dili, 6 sany edebiýat) ulanmaga, 5 sanysy (3 sany ene dili, 2 sany edebiýat) pikir ýöretmäge degişli bolýar.

Jemleýji döwlet attestasiýasy synaglary üçin **180 minut** wagt berilýär.

## IV. Test ýumuşlaryny taýýarlamakda peýdalanylýan tekstlere goýulýan talaplar

| T/s | Tekstler | Mazmun talaplary | Göwrüm talaplary |
|---|---|---|---|
| **1** | **Ylmy-köpçülikleýin tekst** | *Akademik usulda ýazylan, belli bir ugra bagyşlanan, giň auditoriýa (hünärmen däl) niýetlenen, grafik elementleri öz içine alan ylmy-köpçülikleýin tekst (test tabşyryýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 350-500 söz |
| **2** | **Çeper tekst (proza, drama)** | *Türkmen dilinde ýazylan (ýa-da terjime edilen) çeper tekst (proza ýa-da dramatik eserden bölek) (test tabşyryýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 500-600 söz |

## V. Test ýumuşlarynyň görnüşleri boýunça paýlanyşy

| Ýumşuň görnüşi | Düşündirişi | Ýumşuň sany |
|---|---|---|
| Gysga jogaply açyk test **(O1)** | Soraga gysga söz (jümle) bilen jogap bermegi talap edýän ýazuw arkaly ýerine ýetirilýän test ýumuşlary. | 10 sany |
| Köp saýlamaly ýapyk test **(Y1)** | Soragyň mazmunyna laýyk gelýän jogap wariantlarynyň içinden dogrularyny tapmagy talap edýän ýapyk görnüşli test ýumuşlary. | 12 sany |
| Giňeldilen jogaply açyk test **(O3)** | Soraga anyk jogap ýazmagy talap edýän ýazuw arkaly ýerine ýetirilýän tets ýumuşlary. | 3 sany |

## VI. Kognitiw endikler we bölümler boýunça paýlaşyk

| Bilmek (B) | | Ulanmak (U) | | Pikir ýöretmekk (P) | | Umumy bal |
|---|---|---|---|---|---|---|
| sany | bal | sany | bal | gysga jogaply 1-nji bölüm | giňeldilen 2-nji bölüm | |
| **Ene dili** | | | | | | |
| | | | | 1 | 2 | **100 bal** |
| 3 sany | 4 baldan (12 bal) | 9 sany | 6 baldan (54 bal) | 8 bal | 13 baldan (26 bal) | |
| **Edebiýat** | | | | | | |
| 2 sany | 8 baldan (16 bal) | 6 sany | 9 baldan (54 bal) | 1 | 1 | **100 bal** |
| | | | | 14 bal | 16 bal | |

| Kognitiw dereje | Düşündirişi | Testleriň sany |
|---|---|---|
| **Bilmek (B)** | Bilmek derejesinde, ýagny repraduktiw ýumuşlar, okuwçydan predmete degişli nazary maglumatlary, adalgalary, düzgünleri, düşünjeleri ýat tutmagy, olaryň mazmunyny, maksadyny we ulanylyşyny düşünmegi talap edýär. | 5 |
| **Ulanmak (U)** | Ulanmak derejesinde, ýagny produktiw ýumuşlar, okuwçydan bilimi, düşünjeleri we prosesleri täze (nätanyş) kontekstlerde ulanyp bilmegi talap edilýär. | 15 |
| **Pikir ýöretmekk (P)** | Pikir ýöretmekk derejesinde, ýagny faktlary, delilleri, pikirleri deňeşdirmek, derňew etmek, takmyn etmek we netije(ler) çykarmakdan ybarat. | 5 |

## VII. Bahalanýan mazmun ugur bilimler, endikler we kompetensiýalar, ýumşuň görnüşi, kognitiw proses we bahalamagyň ölçegleri

| Mazmun ugry | Soragyň tertip sany | Konstruktlar | Ýumşuň görnüşi | Kognitiw derejesi | Bahalama ölçegi |
|---|---|---|---|---|---|
| **ENE DILI** | | | **1-nji basgançak (gysga jogaply)** | | |
| **Orfografiýa** | 1 | *sözleýiş we orfografiýadaky tapawutlary anyklap bilmek* | Y1 | B | 4 bal |
| | 2 | *baş harplar, düýp söz we goşulmalar, goşup we aýryp ýazmak, kese çyzyk bilen ýazmak ýaly orfogarifiki düzgünleri bilmek, peýdalanyp bilmek* | Y1 | U | 6 bal |
| | 3 | *fonetik özgerişleri (sesiň artdyrylmagy, çalşyrylmagy we düşürilmegi) tapawutandyryp bilmek* | O1 | U | 6 bal |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Punktuasiya** | 4 | *ýazuwda dyngy belgilerini (sorag, ýüzlenme, köp nokat; otur, tire, iki nokat; nokatly otur, ýaý, goşa dyrnak) dogry ulanyp bilmek* | Y1 | U | 6 bal |
| **Stil** | 5 | *sözleriň kontekstdäki manysyny we wezipesini düşünmek, tapawutlandyrmak hem-de dogry ulanmak* | O1 | U | 6 bal |
| | 6 | *berlen ýagdaýa laýyk sözleýşiň görnüşlerini saýlamak* | Y1 | U | 6 bal |
| **Lingwistik derňew** | 7 | *teksti (sözlem, söz) häzirki türkmen edebi diliniň fonetik kadalary esasynda derňew etmek* | O1 | B | 4 bal |
| | 8 | *teksti (sözlem, söz) häzirki türkmen edebi diliniň leksik kadalary esasynda derňew etmek* | O1 | U | 6 bal |
| | 9 | *teksti (sözlem, söz) häzirki türkmen edebi diliniň morfemik/morfologik kadalary esasynda derňew etmek* | Y1 | U | 6 bal |
| | 10 | *teksti häzirki türkmen edebi diliniň sintaktik kadalary esasynda derňew etmek* | O1 | U | 6 bal |
| **Ylmy-köpçülikleýin teksti okap düşünmek** | 11 | *tekstiň mazmunyna laýyk maglumaty anyklamak* | Y1 | B | 4 bal |
| | 12 | *tekst bölekleriniň arasyndaky mazmun taýdan baglanyşygy düşünmek* | O1 | U | 6 bal |
| | 13 | *tekstdäki fakt we pikirleri tapawutlandyryp bilmek* | Y1 | P | 8 bal |
| | | **2-nji basgançak (giňeldilen)** | | | |
| | 14 | *maglumatlary umumylaşdyrmak we sebäp-netijesini düşünmek* | O3 | P | 13 bal |
| | 15 | *tekstiň maksadyna laýyk çözgüt teklip edip bilmek* | O3 | P | 13 bal |
| **Jemi** | | | | | **100 bal** |
| **EDEBIÝAT** | | | **1-nji basgançak (gysga jogaply)** | | |
| **Milli edebiýat** | 16 | *umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen halk döredijiliginiň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak* | O1 | B | 8 bal |
| | 17 | *umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen klassyk edebiýatynyň nusgalaryny düşünmek* | Y1 | U | 9 bal |
| | 18 | *döwrebap edebiýatyň nusgalary hakdaky dogry pikirleri anyklamak* | O1 | U | 9 bal |
| **Dünýä edebiýaty** | 19 | *umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen dünýä edebiýatynyň taryhynda ähmiýetli orna eýe bolan epiki we dramatik eserler hakdaky pikirleri anyklamak* | O1 | U | 9 bal |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Klassyk şygryýetiň derňewi** | 20 | *klassyk tekstde ulanylan çeper teswir serişdelerini anyklamak* | O1 | U | 9 bal |
| **Çeper tekst (proza, drama) derňewi** | 21 | *tekstiň mazmunyna laýyk sözbaşy saýlap bilmek* | Y1 | B | 8 bal |
| | 22 | *tekstden alnan bölek esasynda obrazlara häsiýetnama bermek* | Y1 | U | 9 bal |
| | 23 | *tekstiň hronologiýasyny, yzygiderliligini anyklamak* | Y1 | U | 9 bal |
| | 24 | *tekstiň umumy mazmuny esasynda Pikir ýöretmekk* | Y1 | P | 14 bal |
| | | **2-nji basgançak (giňeldilen)** | | | |
| | 25 | *açyk aýdylmadyk pikir we ideýalary düşünmek, takmyn etmek* | O3 | P | 16 bal |
| **Jemi** | | | | | **100 bal** |

## VIII. Baly baha öwürmegiň tertibi

| **Bal (%)** | **Baha** | **Düşündiriş** |
|---|---|---|
| 0 – 29 | «2» | «kanagatlanarsyz» |
| 30 – 65 | «3» | «kanagatlanarly» |
| 66 – 85 | «4» | «gowy» |
| 86 – 100 | «5» | «örän gowy» |

## IX. Synag wagtynda goýulýan talaplar

*Gadagan edilýän serişdeler:* synag wagtynda mobil telefondan, akylly sagatdan, planşetden ýa-da elektron ýatlatmalardan peýdalanmak gadagan edilýär.

*Tertip we düzgün:* nusga göçürmek, kömek soramak ýa-da kömek bermek, test synagy dowamynda gürleşmek, rugsatsyz çykmak ýaly ýagdaýlar gadagan edilýär.

Gözegçi düzgüniň bozulandygyny anyklanda, ony resmileşdirip, diňleýjini testden çykarýar we netijesi ýatyrylýar.

## X. Peýdalanmak üçin maslahat berilýän esasy edebiýatlar

**Ene dili:**

1. 5-nji synp Türkmen dili okuw kitaby(I bölek). A.Alymjanowa, O.Gaýliýewa. Daşkent – 2024
2. 5-nji synp Türkmen dili okuw kitaby (II bölek). A.Alymjanowa. Daşkent – 2024
3. 6-njy synp Türkmen dili okuw kitaby. M.Hanmatow, A.Hanmatow, G.Welbegow. Daşkent – 2022
4. 7-nji synp Türkmen dili okuw kitaby. M.Hanmatow, A.Hanmatow, K.Razakowa. Daşkent – 2022
5. 8-nji synp Türkmen dili okuw kitaby. G.Nazarowa, G.Arazowa. Daşkent – 2025
6. 9-njy synp Türkmen dili okuw kitaby. I.Arazow, I.Klyçew, G.Söýünowa. Daşkent – 2025
7. 10-njy synp Türkmen dili okuw kitaby. G.Nazarowa, G.Arazowa, H.Arazklyçewa. Daşkent – 2022
8. 11-nji synp Türkmen dili okuw kitaby. R.Klyçew, M.Berdiýew. Daşkent – 2018

**Edebiýat:**

1. 5-nji synp Edebiýat okuw kitaby (I bölek). A.Alymjanowa, G.Welbegow. Daşkent – 2024
2. 5-nji synp Edebiýat okuw kitaby (II bölek). A.Alymjanowa, G.Welbegow. Daşkent – 2024
3. 6-njy synp Edebiýat okuw kitaby. R.Klyçew, D.Arazow. Daşkent – 2022
4. 7-nji synp Edebiýat okuw kitaby. G.Soýunowa, I.Arazow, S.Hydyrow. Daşkent – 2022
5. 8-nji synp Edebiýat okuw kitaby. R.Klyçew, G.Welbegow. Daşkent – 2025
6. 9-njy synp Edebiýat okuw kitaby. G.Welbegow, R.Klyçew. Daşkent – 2025
7. 10-njy synp Edebiýat (I, II bölekler) okuw kitaby. G.Welbegow, K.Razakowa. Daşkent – 2024
8. 11-nji synp Edebiýat okuw kitaby. I.Arazow, R.Klyçew. Daşkent – 2018

**Ene dili**

**1-nji SORAG**

**1.** (Bilmek-4 bal) **Dürs ýazuw kadasy esasynda dogry ýazylan sözleriň tertip nomerini ýazyň.**

*1. Gelin. 2. Gelni. 3. Bogny. 4. Ýylgyn. 5. Ördök. 6. Sülgün. 7. Otlyçöp. 8. Üçburçlyk. 9. Üçburçluk. 10. Almata.*

**Jogaby:**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

**2.** (Bilmek-4 bal) **Dürs ýazuw kadasy esasynda dogry ýazylan sözleriň tertip nomerini ýazyň.**

*1. Üçün. 2. Müdür. 3. Müdir. 4. Kätip. 5. Köwşi. 6. Börü. 7.Sürü. 8. Edebiýad. 9. Almaata. 10. Selni.*

**Jogaby:**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

**3.** (Bilmek-4 bal) **Dürs ýazuw kadasy esasynda dogry ýazylan sözleriň tertip nomerini ýazyň.**

*1. Gowrup. 2. Gowurup. 3.Çebişi. 4. Çebşi. 5. Öňdöbaryjy. 6. Ördekburun. 7. Ördökburun. 8. Amu derýa. 9. Bagröýken. 10. Edebyýat.*

**Jogaby***:*

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

**4.** (Bilmek-4 bal) **Dürs ýazuw kadasy esasynda dogry ýazylan sözleriň tertip nomerini ýazyň.**

*1. Gawuny. 2. Mümkin. 3. Mümkün. 4. Asyly. 5. Asly. 6. Fotoapparat. 7. Gelini. 8. Gelni. 9. Döwik. 10. Yzigider.*

**Jogaby:**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

**5.** (Bilmek-4 bal) **Dürs ýazuw kadasy esasynda dogry ýazylan sözleriň tertip nomerini ýazyň.**

*1. Aşhabat. 2. Könürgenç. 3. Köneürgenç. 4. Millýoner. 5. Tohum. 6. Sürim. 7. Sürüm. 8. Takyry. 9.Takry. 10. Ulysy.*

**Jogaby:**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | |

**2-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Otur belgisi nädogry goýlan söz(lem)leri anyklaň.**

1. Men bazara gitdim ol, ýerde köp adam bardy.
2. Men seni gördüm, ýöne sen meni görmediň.
3. Biz, alma armut üzüm satyn aldyk
4. Men mekdebe gitdim, ol ýerde dostlarym bilen duşuşdym.
5. Howa gowy, gün şöhle saçýar.
6. Biz futbol, basketbol, tennis oýnaýarys.
7. Men seni gördüm ýöne, sen meni görmediň.

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Otur belgisi nädogry goýlan söz(lem)leri anyklaň.**

1. Eger wagt bolsa, biz kinoteatra bararys.
2. Ol kitap, okaýar men bolsa, ýazgy edýärin.
3. Men mekdebe baranymda, mugallym eýýäm sapagy başlapdy, şonuň üçin men sessizje girip oturdym.
4. Men kitaby okadym ýöne, onuň soňy, maňa düşnüksiz boldy.
5. Biz bazara bardyk, alma, armut, üzüm satyn aldyk, soňra bolsa öýe dolandyk.
6. Ýagyş ýagýandygyna garamazdan, biz meýilnamamyzy üýtgetmedik, sebäbi öňünden taýýarlyk görüp goýupdyk.
7. Men, öýe geldim emma, hiç kim öýde ýokdy şonuň üçin ýene daşary çykdym.

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Otur belgisi nädogry goýlan söz(lem)leri anyklaň.**

1. Men mekdebe gitdim ol ýerde, dostlarym bilen duşuşdym.
2. Eger wagt bolsa biz, kinoteatra bararys.
3. Eger sen wagtynda gelseň, biz bilelikde taýýarlanyp bileris, soň bolsa gezelenje çykarys.
4. Men kitaby okap gutardym, ýöne onuň käbir ýerlerine düşünmedim, şonuň üçin mugallymdan soradym.
5. Biz bazara bardyk, gerekli zatlary satyn aldyk, soňra bolsa öýe dolandyk.
6. Ol aýtdy: “Eger siz yhlas bilen okasaňyz, geljekde uly üstünlik gazanarsyňyz.”
7. Men kitaby okap gutardym ýöne, onuň käbir ýerlerine düşünmedim, şonuň üçin mugallymdan soradym.

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Otur belgisi nädogry goýlan söz(lem)leri anyklaň.**

1. Olary açyk, dymyk, sonorly çekimsizler diýen toparlara bölüp depderiňize ýazyň.
2. Gün batyp barýarka guşlar öz höwürtgelerine dolanyp barýardy, howa bolsa kem-kemden, salkynlaşýardy.
3. Biz, bazara bardyk gerekli zatlary, satyn aldyk soňra bolsa öýe dolandyk.
4. − Enesi, aý, enesi, hany öňi bilen sannygyň-sannyjagyň agzyny aç, ondan soň bolsa çaý gaýnatmagyň aladasy bilen bol!
5. Obanyň uşajyk oglanlary obadan açygrak saýlanyp, bazar ýolda kakalaryna garaşýarlar.
6. Molla ammarda tutulan syçan ýaly, bugdaý üýşmeginiň üstünde çabalanýardy.
7. Durnalaryň başyny çekip barýan ýeke durna welin Nedirbaýyň, aňynda bir wakany janlandyrdy.

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Otur belgisi nädogry goýlan söz(lem)leri anyklaň.**

1. Her sapar ejesine sowgat aljak bolanda, Mahynuruň gaşyny çytyşy göz öňüne geldi.
2. Tüpeň sesi çykansoň, çaga-çuga diýmän, obanyň birentek adamy kowguçylaryň yzy bilen çykyp ugrapdy.
3. Men seniň aýdanyňy düşündim ýöne şonda-da, men başgaça pikir edýärin.
4. Biz seýilgähe bardyk agaçlaryň arasynda gezdik soň, bolsa dynç aldyk.
5. Men öý işimi tamamladym, soňra kitap okamaga oturdym.
6. Eger howa gowy bolsa, biz seýilgähde gezelenje çykarys.
7. Eger sen irden turup, bilseň biz bile mekdebe gideris ýogsa, men ýeke özüm giderin.

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**3-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Goşgudaky fonetik hadysalaryň sanyny anyklaň.**

Bäş gün köňül hoş etmäge,
Saçak ýazyp, nan dökmäge,
Abraý alyp, at etmäge,
Golda bendi-bar gerekdir.

**Jogaby:** ☐

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Goşgudaky fonetik hadysalaryň sanyny anyklaň.**

«Bal, bal!» diýmek bilen agzyň süýjänok
Ýöne beýle ajam bolup baranok.
«Sag bol!» almak bilen garnyň doýanok,
Ýöne beýle ajam bolup baraňok.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Goşgudaky fonetik hadysalaryň sanyny anyklaň.**

– Kaka, düşündir sen ýene bir zady:
Ýaz geldi. Dünýäni gülletdi bu gün.
Adamlary näme gülledenok-da.
Gaýta söküp barýar bogunma-bogun?

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Goşgudaky fonetik hadysalaryň sanyny anyklaň.**

Deňeşdirip gördüm iki saçagy:
Bir saçaga – bir saçaklyk nan sygdy.
Ýaşasyn, ýaşasyn, göwün saçagy
Bir saçak başyna müň myhman sygdy.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Goşgudaky fonetik hadysalaryň sanyny anyklaň.**

Deňeşdirip gördüm iki nokady:
Bir nokada – bir nokatlyk san sygdy.
Ýaşasyn, ýaşasyn, göreç nokady
Her nokat içine Ýer, Asman sygdy.

**Jogaby:** ☐

**4-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda dyngy belgiler nädogry ulanylan?**

1. Sen näme üçin düýn ýygnaga gelmändigiňi düşündirip bilersiňmi?
2. Eger wagtyň bolsa, ertir biz bilen bile gitmäge razy bolarsyňmy!
3. Ol nädip şeýle gysga wagtyň içinde bu işi tamamlamagy başardyka?
4. Adamlar käwagt öz mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaýarlar?
5. Eger sen şol ýagdaýda bolan bolsaň, nähili karar kabul ederdiň?

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda dyngy belgiler nädogry ulanylan?**

1. Dostum, sen nirä barýarsyň?
2. Mugallym, bu meseläni düşündirip berersiňizmi.

3. Eje, men size kömek edip bilerinmi?
4. Kakam, bu gün bazara bile gitjekmi!
5. Hormatly myhmanlar, siz nähili dynç alýarsyňyz.

**Jogaby:** | | | | | |

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda dyngy belgiler nädogry ulanylan?**
1. Men mekdebe gidýärin!
2. Sen nirä barýarsyň.
3. Wah, nähili owadan!
4. Meniň arzuwym bar: lukman bolmak.
5. Men saňa bir zat aýtjakdym...

**Jogaby:** | | | | | |

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda dyngy belgiler nädogry ulanylan?**
1. Men saňa bir zat aýtjakdym...
2. Men düýn wagtynda gelip bilmändigim üçin, mugallymdan ötünç soradym?
3. Biz ertir howa gowy bolsa, daglara gezelenje gitmegi meýilleşdirýäris!
4. Ol köp zähmet çekendigine garamazdan, islenýän netijäni gazanyp bilmedi.
5. Eger sen wagtynda taýýarlansaň, ähli işleri kynçylyksyz tamamlap bilersiň.

**Jogaby:** | | | | | |

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda dyngy belgiler nädogry ulanylan?**
1. Biz ertir howa gowy bolsa, daglara gezelenje gitmegi meýilleşdirýäris.
2. Ol köp zähmet çekendigine garamazdan, islenýän netijäni gazanyp bilmedi.
3. Eger sen wagtynda taýýarlansaň, ähli işleri kynçylyksyz tamamlap bilersiň!
4. Men bu kitaby okap çykanymdan soň onuň many-mazmunyna has gowy düşündim?
5. Olar täze taslamanyň üstünde birnäçe aý bäri işleýändikleri üçin uly tejribe topladylar.

**Jogaby:** | | | | | |

**5-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Stilistik taýdan nädogry ulanylan söz bar bolan hatary tapyň.**
A) Men aýtdym saňa ertir gar ýagyp howa sowuk boljagyny.
B) Howa bulutlaşyp gar ýagmaga başlady.
C) Merediň jigisi ähli sapaklardan göreldeli okaýar.
D) Gün **günbatar** tarapa batyp barýarka, asman gyzyl reňke boýalyp, töwerek has-da owadan göründi.

**Jogaby:** | |

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Stilistik taýdan nädogry ulanylan söz bar bolan hatary tapyň.**
A) Biz uzak ýoly gysga wagtda geçmek üçin demirýol ulagyndan peýdalanyp, başga şähere amatly ýagdaýda ýetdik.
B) Uzak ýoly gysga wagtda geçmek üçin biz demirýol ulagyndan peýdalanyp, başga şähere amatly ýagdaýda ýetdik.

C) Toparyň ýolbaşçysy ýygnagy açyp, hemmelere geljekki meýilnamalar barada giňişleýin düşündiriş berdi.
D) Men düýn bazardan özüm üçin amatly we owadan aýakgap satyn aldym, sebäbi öňki aýakgabym könelipdi.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Stilistik taýdan nädogry ulanylan söz bar bolan hatary tapyň.**
A) Onuň **elýazma**sy şeýle bir düşnükli we tertipli welin, mugallym ony beýlekilere görelde hökmünde görkezdi.
B) Onuň gözünden dökülen **gözýaş** diňe gynanjyň däl, eýsem çuňňur duýgularyň hem alamatydy.
C) Biz ýyllaryň dowamynda biri-birimize ynam bildirip gelen **ýürekdeş** dostlar bolup galdyk.
D) Düýn bazardan men özüm üçin amatly we owadan **aýakgap** satyn aldym, sebäbi köne aýakgabym könelipdi.

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Stilistik taýdan nädogry ulanylan söz bar bolan hatary tapyň.**
A) Mekdebimiziň okuwçylary sport ýaryşynda ýokary netije gazandylar.
B) Biz biri-birimize hemişe goldaw berýän ýürekdeş dostlar bolup galdyk.
C) Mekdebimiziň okuwçylary sport ýaryşynda uly netije gazandylar.
D) Onuň elýazmasy düşnükli bolany üçin, mugallym ony öwdi.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Stilistik taýdan nädogry ulanylan söz bar bolan hatary tapyň.**
A) Men täze aýakgap satyn aldym, sebäbi köne aýakgabym köneldi.
B) Toparyň ýolbaşçysy ýygnagy açyp, geljekki meýilnamalar barada gürrüň berdi.
C) Men dynç alyş güni gezelenje giderin.
D) Ol diňe bir akyllybaş okuwçy bolman, eýsem ähli derslerde öňe saýlanýan işjeň hem-de zähmetsöýerdir.

**Jogaby:** ☐

**6-njy SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Çeper täre degişli sözlemleri anyklaň.**
1. Temperaturanyň ýokarlanmagy bilen gaz molekulalarynyň kinetiki energiýasy artýar, netijede basyşyň ýokarlanmagyna getirýär.
2. Ikinji bogundaky dar çekimlisi düşürilýän sözler goşma sözleriň düzüminde gelende, dar çekimliler üçünji we dördünji bogunda gelseler-de düşürilýär.
3. Duşmanyň birnäçesi atdan agdarylyp gitdi, birnäçesiniň aty tüwdürilip gitdi.
4. Şu ýerik gelip giden dört-bäş doganmyş, özi iň ulusymyş.
5. Şu dokumentiň talaplaryna laýyklykda, ähli resminamalar bellenen düzgün we tertipde işlenmeli.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Ylmy täre degişli sözlemleri anyklaň.**
1. Öňki bogny ýapyk, soňky bogny *r* sesi bilen başlanýan sözlerde *r* sesiniň öň ýanynda ysgynsyz dar çekimli eşidilse-de ýazylmaýar.
2. Onsoň döw bir gün uklap ýatyrka, serdar onuň gözüne gyzgyn demir basyp, gaçyp gaýdypmyş.
3. Faşistleri kowýançak hemmämiziň frontdan bäri gelmäge hakymyz ýokdur.
4. Dar çekimlisi düşürilip ýazylýan sözleriň öňünden goşulma (prefiks) goşulyp, olar üç bogunly sözlere öwrülseler-de, dar çekimliler düşürilip ýazylýar.
5. Taslamanyň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýy barada doly hasabat diňe degişli topar tarapyndan kabul edilen möhletlerde tabşyrylmaly.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Resmi täre degişli sözlemleri anyklaň.**
1. Düýp sözlerde w sesinden öň we soň gelen gysga aýdylýan dar çekimliler dodaklandyrylyp ýazylýar.
2. Geçirilen barlaglaryň netijeleri degişli hünärmenler tarapyndan seljerilip, resmi ýazmaça görnüşde hasabat berilmeli.
3. Taslamanyň maliýe taýdan ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we çykdajylaryň kanunylygyny kepillendirmek üçin degişli topary ýörite bellenildi.
4. Ol sowuk-sala sorady: «Nirede gördüň ony?» Şol pille-de onuň başyna elhenç pikirler gelip giçdi.
5. Mamur eje aljyrady, «nätsemkäm, öýümiziň içi jyn-arwahdan dolaýdy öýdýän»..

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Sözleyiş tärine degişli sözlemleri anyklaň.**
1. Gel, indi kino görmäge baralymy ýa-da öýde dynç alyp oturaly?
2. Ýöne biz ata-babalarymyzyň döreden hemme zadynyň üstünden atanak çekäýmeli hem däl.
3. Bu maslahatyň dowamynda alnan çözgütler we kararlaryň ähli detallary resminama geçirilip, degişli toparlaryň gözegçiligine berilmeli.
4. Ýokarky ýaly sözleriň yzyna goşulma ýa-da söz goşulanda, gysga aýdylýan dar çekimliler sözüň ortasynda gelýärler we dodaklandyrylyp ýazylýarlar.
5. Geliň, bir ýerden süýji alyp geläýeli, soňra göni bagda oturyp, gepleşik edip, birnäçe pursat dynç alyş edeli.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Publitsistik täre degişli sözlemleri anyklaň.**
1. Bu gün biz durmuşymyzy üýtgedýän täze tehnologiýalar bilen ýüzbe-ýüz bolýarys, her birimiz öz pozisiýamyzy kesgitlemeli.
2. Häzirki wagtda ähli zadyň çalt üýtgäp durandygyna garamazdan, biz diňe dogry düşünje we ynam bilen öňe bararys.
3. Bu karar bu günden başlap güýje girýär we onuň ýerine ýetirilişi gözegçilik edilýär.

4. Onsoň döw bir gün uklap ýatyrka, serdar onuň gözüne gyzgyn demir basyp, gaçyp gaýdypmyş
5. Täze kanunlar diňe kagyz ýüzünde däl, eýsem jemgyýetde oňa laýyk durmuşa geçirilmelidir.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**7-nji SORAG**

**1.** (Bilmek-4 bal) **Içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleriň sanyny anyklaň.**
*Olar täze taslamanyň üstünde birnäçe aý bäri işleýändikleri üçin uly tejribe topladylar.*

**Jogaby:**

**2.** (Bilmek-4 bal) **Içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleriň sanyny anyklaň.**
*Men bu kitaby okap çykanymdan soň onuň many-mazmunyna has gowy düşündim.*

**Jogaby:**

3. (Bilmek-4 bal) **Içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleriň sanyny anyklaň.**
*Biz ertir howa gowy bolsa, daglara gezelenje gitmegi meýilleşdirýäris.*

**Jogaby:**

4. (Bilmek-4 bal) **Içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleriň sanyny anyklaň.**
*Men düýn wagtynda gelip bilmändigim üçin mugallymdan ötünç soradym.*

**Jogaby:**

**5.** (Bilmek-4 bal) **Içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleriň sanyny anyklaň.**

*Näme üçin adamlar käwagt öz mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaýarlar diýip pikir edýärsiň?*

**Jogaby:**

**8-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal**) Berlen sözlemdäki köpmanylygyň görnüşini anyklaň.**
Nabat ejäň gözlerinden
Ýene nohut togalandy. (K. Gurbannepesow).

A) Köpmanylyk ýok
B) Metonimiýa
C) Sinekdoha
D) Metafora

**Jogaby:**

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Berlen sözlemdäki köpmanylygyň görnüşini anyklaň.**
Aňlamaý sözleme, tamda gulak bar (Magtymguly).

A) Köpmanylyk ýok
B) Metonimiýa
C) Sinekdoha
D) Metafora

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Berlen sözlemdäki köpmanylygyň görnüşini anyklaň.**
Getir, bir käse içeýin. Ol bir jam iýdi.

A) Köpmanylyk ýok
B) Metonimiýa
C) Sinekdoha
D) Metafora

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Berlen sözlemdäki köpmanylygyň görnüşini anyklaň.**
Bu meniň ýaňky gören ýüzüm däl.

A) Köpmanylyk ýok
B) Metafora
C) Sinekdoha
D) Metonimiýa

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Berlen sözlemdäki köpmanylygyň görnüşini anyklaň.**
Toýa tutuş oba ýygnandy.

A) Köpmanylyk ýok
B) Metonimiýa
C) Sinekdoha
D) Metafora

**Jogaby:** ☐

**9-njy SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Esasy işliklere degişli bolan ýasama sözleri anyklap, san bilen görkeziň.**

*1) geýim, 2) ellik, 3) işçi 4) duralga, 5) uçar, 6) edermen, 7) gögermek.*

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Esasy işliklere degişli bolan ýasama sözleri anyklap, san bilen görkeziň.**

*1) çyzgyç, 2) malhana, 3) geçelge, 4) işgär, 5) sözlemek, 6) gulak, 7) ýaňak.*

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Esasy işliklere degişli bolan ýasama sözleri anyklap, san bilen görkeziň.**

*1) süzgüç, 2) dökün, 3) suwçy, 4) gyrgyç, 5) işlemek, 6) doldurmak, 7) aýak.*

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Esasy işliklere degişli bolan ýasama sözleri anyklap, san bilen görkeziň.**

*1) bulak, 2) saýlow, 3) tertip, 4) günebakar, 5) seçek, 6) otluçöp, 7) gyrgyç.*

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Esasy işliklere degişli bolan ýasama sözleri anyklap, san bilen görkeziň.**

*1)bilim, 2) saglyk, 3) şatlyk, 4) basym, 5) kynçylyk, 6) bölüm, 7) saralmak.*

**Jogaby:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

**10-njy SORAG**

**1.** (Ulanmak-6 bal) **Şu sözlemiň görnüşini anyklap dogry jogap sanyny görkeziň.**

*Men dilimi saklamagy başardym, emma ýüregimdäki gahary saklamagy başarmadym.*

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Ýygnak ýönekeý sölem.
4. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

**Jogaby:** ☐

**2.** (Ulanmak-6 bal) **Şu sözlemiň görnüşini anyklap dogry jogap sanyny görkeziň.** *Bekmyrat baý gazamat naçalniginden Berdini öldürtmegi haýyş edip gaýdansoň, onuň netijesini bilmäge Aşgabada baryp gaýdypdy.*

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Ýygnak ýönekeý sölem.
4. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-6 bal) **Şu sözlemiň görnüşini anyklap dogry jogap sanyny görkeziň.** *Howa bulutlaşyp, ýagyş ýagmaga başlady.*

1. Düzmeli goşma sözlem.

2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Ýygnak ýönekeý sölem.
4. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-6 bal) **Şu sözlemiň görnüşini anyklap dogry jogap sanyny görkeziň.**

*Magtymguly we beýleki türkmen klassyklary ertekilerden, rowaýatlardan, şorta sözlerden, nakyllardan, matallardan, ýomaklardan ussatlarça peýdalanypdyrlar.*

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Ýygnak ýönekeý sölem.
4. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-6 bal) **Şu sözlemiň görnüşini anyklap dogry jogap sanyny görkeziň.**

*Men dilimi saklamagy başardym, emma ýüregimdäki gahary saklamagy başarmadym.*

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Ýygnak ýönekeý sölem.
4. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

**Jogaby:** ☐

**11–15-nji SORAGLAR**

**1-nji TEKST (Ene dili)**

**Ylmy populýar tekst**

11-15-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

## SYRLY ÇEŞME

### I

Nurata etraby Nowaýy welaýatynda ýerleşýär. Bu ýerde Nur galasy, galanyň goranyş diwary we Çilustun ýadygärlikleri saklanyp galan. Bu ýadygärlikler barada Nuratany zyýarat edeniňizde, hökman sorap öwreniň. Men bolsa size Nurata çeşmesi we ol ýerde ýaşaýan balyklar barada gürrüň bermek isleýärin.

Çeşme öz syrlylygy bilen örän meşhurdyr. Çeşmäniň suwy gözüňi gamaşdyrýan derejede dury görünýär. Munuň sebäbi suwdaky fosfor maddasydyr. Çeşmäniň suwy müňlerçe kilometrlik ýerasty gatlaklardan çykýar. Suw gyşy-ýazy üýtgemeýär, 19,5 °C ýylylyk derejesinde bolýar. Şonuň üçin hiç haçan doňman durýar. Diýilşi ýaly, suwda altyn maddasy hem bardyr, şol sebäpli dürli kesellere dowa bolup hasaplanýar. Häzirki wagtda köp sanly zyýaratçylar we daşary ýurtly myhmanlar şol mukaddes çeşmeden suw alyp gidýärler.

### II

Çeşmäniň içindäki balyklar bolsa gözüňi şatlandyrýar. Olar ortaça on ýedi ýyl

ýaşaýarlar. Balyklar ömrüniň dowamynda çeşmäniň suwunyň akyp çykýan salmany gumlardan täzeleýär. Suwuň deň derejede akmagyny üpjün edip, hatda ony filtrläp hem berýär. Geň galdyryjy ýagdaý, balyklara hiç kim iýmit bermeýär. Olar suwdaky tebigy iýmit bilen iýmitlenýärler. Şonuň üçin geçmişde käbir adamlar olary “öwülýä balyk” diýip hem atlandyran.

Bu balyklary iýip bolmaýar, sebäbi olaryň içindäki owuldurygy howply hasaplanýar. Arassalamazdan iýen adamyň derisinde dag peýda bolýar. Eger köp iýilse, ýaramaz netijelere alyp baryp biler.

**III**

Häzirki wagtda şol zyýarat mesgeni abadanlaşdyrylypdyň. Daş-töweregine dürli agaçlar, güller ekilipdir. Syrlara doly Nurata çeşmesi we zyýarat mesgeninden daşary ýurt myhmanlaryň we ildeşlerimiziň gadamy üzülmeýär. Siz hem ýurdumyzda ýerleşýän bu ajaýyp zyýarat mesgenine gelip görüň.

Ähli pasylda birmeňzeş ýylylykda akýan, sowuk pasyllarda hem doňman durýan bu çeşmäniň suwy örän täsin we gymmatlydyr. Bularyň hemmesini öz gözüňiz bilen görmeseňiz, düşündirmek mümkin däl!

**11.** (Bilmek – 4 bal) **Tekstdäki maglumatlar berlen jogaplary anyklaň.**

A) Çeşmäniň suwunyň arassalygynda balyklaryň ähmiýeti uludyr.
B) Balyklaryň “öwülýä balyk” diýip atlandyrylmagyna sebäp, olaryň kömegi bilen suw arassalanýandyr.
C) Çeşmäniň suwunyň köp mukdarda içilmegi deri kesellerine sebäp bolýar.
D) Nurota mukaddes ýer bolany üçin basgynçylar ol ýere girip bilmediler.
E) Gyş aýlarynda hem doňman durýan bu çeşmäniň suwy örän häsiýetlidir.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**12.** (Ulanmak – 6 bal) **Tekst bölekleriniň arasyndaky many baglanyşyklaryna üns beriň we haýsy bölekde gaýtalanýan pikir bardygyny anyklaň.**

A) III bölümde gaýtalanan

B) II bölümde gaýtalanan

C) I bölümde gaýtalanan

D) gaýtalanmadyk

**Jogaby:**

**13.** (Pikir ýöretmek – 8 bal, gysga jogaply) **Tekstden alnan sözlemleriň haýsysy fakt hasaplanýar?**

1. Çeşmäniň suwy hiç haçan doňman durýar, hemişe 19,5 °C ýyly bolýar.
2. Çeşmäniň syrly ýerligi barada halk arasynda dürli rowaýatlar bar.

3. Balyklar ortaça 17 ýyl ýaşap, çeşmäniň suwuny arassalamaga kömek edýär.
4. Balyklaryň içindäki maddalar zyýanly hasaplanýar.
5. Balyklar suwdaky iýmit bilen iýmitlenýär.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**14.** (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) **Tekstden 4 sebäp we nätijäni anyklap ýazyň.**

**Jogaby:**________________________________________________

**15.** (Pikir ýöretmek -13 bal, giňeldilen) **Ýurdumyzda turizmi ösdürmek, Nurata zyýarat mesgenine turistleri köpräk çekmek üçin 3 sany teklip beriň. Pikiriňizi 50 – 60 söz bilen beýan ediň.**

**Jogaby:**________________________________________________

**2-nji TEKST (Ene dili)**

**Ylmy-populýar tekst**

11-15-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

## KELTEMINAR

## I

Häzirki wagtda Köne Hywa şäherini bu binagärlik ýadygärligisiz göz öňüne getirmek kyn. Kelteminar Hywa şäherindäki Içan gala çäginde ýerleşip, şäheriň nyşany hökmünde ykrar edilýär. Ol 1990-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň obýektleriniň sanawyna girizildi. 1996-1997-nji ýyllarda bu ýadygärlik Hywa şäheriniň 2500 ýyllygy mynasybetli abatlandy. XIX asyryň gaýtalanmajak

nagyşlary we ýazgylary täzeden dikeldildi, bu bolsa minaranyň özüne mahsus beýik keşbini gaýtaryp berdi. Onuň ölçegi we täsin bezegleri adamy haýran galdyrman goýmaýar

**II**

Kelteminar Muhammet Aminhan medresesiniň öň tarapynda ýerleşýär we käwagt onuň bir bölegi hökmünde hem hasaplanýar. Özbegistandaky iň beýik orta asyr minaralarynyň arasynda 6-njy orny eýeleýär. Minaranyň ikinji gatyndan başlap, medrese bilen baglanyşýan köpri arkaly ýokarlygyna çykmak bolýar. Içinde ýokarlyga alyp çykýan agaç basgançak bar. Bu basgançak ýygy-ýygydan abatlandyrylyp durulýar.

Minaranyň düýbi 15 metr çuňlukda ýerleşýär, onuň diametri 14,5 metr, beýikligi bolsa 29 metrdir. Minara kesik konus görnüşindedir. Onuň kem-kemden daralýandygyna seredilip çak edilse, gurluşy doly tamamlanan bolsa beýikligi 100 metre ýetip, Orta Aziýadaky iň uly we iň beýik minara bolup biljek eken. Emma minaranyň gurluşygy ahyryna çenli tamamlanmandyr, ol uly syrly çelege meňzeş ýagdaýda galypdyr. Şoňa görä oňa “Kelte minara” diýip at berlipdir.

**III**

Ol daşky tarapy syrçaly kaşi mozaika we maýolika bilen örtülen ýeke-täk minaradyr. Kaşilerinde goýy ýaşyl, gök we ak reňkler agdyklyk edýär, käbir nagyşlar firuza reňkine eýedir. Gün şöhlesi islendik jisimiň reňkini üýtgedýär, ýagny ony agardýar ýa-da açyk öwüşgine getirýär. Bu ýagdaý minarada duýulmaýar. Näçe wagt geçen hem bolsa, edil täze gurlan ýaly saklanyp dur.

Minaranyň daşky diwarlarynda diňe pars dilinde ulanylýan harplardan ybarat gaýtadan dikeldilen ýazgylar bar. Minaranyň gurluşygy 1852-nji ýylda başlanyp, beýikligi 29 metre ýetende birden togtadylýar. Dinamik daralmagyna seredilip çak edilse, gurluşy tamamlanan bolsa beýikligi 100 metre ýetip, Orta Aziýadaky iň uly we iň beýik minara bolup biljek eken. Hywaly taryhçy we ýazyjy Ogahynyň ýazmagyna görä, gurluşygyň başyny başlan Muhammet Aminhan 1855-nji ýylda Serahs golaýyndaky söweşde aradan çykandygy sebäpli gurluşyk tamamlanmandyr.

**IV**

Halk arasynda Kelteminar bilen baglanyşykly köp sanly rowaýatlar bar. Olardan birine görä, Hywa hany depesinden Buhara görünýän örän beýik we uly minaranyň gurulmagyny buýurýar. Bu habary eşiden Buhara emiri ussalar bilen ylalaşyp, Buharada hem şeýle minarany gurmagy meýilleşdirýär.Muny duýan Hywa hany minara tamamlanandan soň ussalary minaradan zyňmagy buýurýar. Han şeýle minaranyň başga ýerde gaýtalanmagyny islemeýärdi. Ussalar bu ýagdaýy bilip galansoň, hanyň buýrugy barada kerpiç ýüzüne ýazyp, ýokarda işleýän uly ussa ýetirýärler. Ol bolsa ölümiň öňüni almak üçin özüne ganat ýasap uçup gidýär, şonuň üçin minara ahyryna çenli gurulman galypdyr diýip aýdýarlar.

Şeýlelik bilen, bu rowaýatly minara henizem syýahatçylaryň ünsüni özüne çekip gelýär.

**11.** (Bilmek-4 bal) **Tekstdäki maglumatlar berlen jogaplary anyklaň.**

A) Kelteminar gurlany bäri iki asyra golaý wagt geçdi.
B) Kelteminar Ýer ýüzünde gurluşygy tamamlanman galan ýeke-täk ýadygärlikdir.
C) Minara hywaly şahyry, taryhçysy we döwlet işgäri Muhammet Rizo Ogahy ýolbaşçylygynda gurlupdyr.
D) Minaranyň gurluşygy tamamlanmandygy sebäpli oňa “Kelte minara” diýip at beripdirler.
E) Kelteminar ýaly minaranyň başga hiç ýerde gurulmazlygy üçin onuň baş gurluşykçysy öldürilipdir.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**12.** (Ulanmak-6 bal) **Tekstiň bölümleri arasyndaky mazmun taýdan baglylyga üns beriň we haýsy bölümde gaýtalanýan pikir bardygyny anyklaň.**
A) III bölümde gaýtlanan
B) IV bölümde gaýtlanan
C) II bölümde gaýtlanan
D) I bölümde gaýtlanan

**Jogaby:** ☐

**13.** (Pikir ýöretmek-8 bal, gysga jogaply) **Şu tekstden alnan sözlemleriň haýsysy fakt hasaplanýar?**

1. Minara gurlup gutaransoň, Merkezi Aziýadaky iň beýik minara bolup bilerdi.
2. Minara Özbegistandaky orta asyr minaralarynyň arasynda 6-njy orunda durýar.
3. Minara XIX asyryň ortalarynda gurulyp başlanan.
4. Yadygärlik Hywa şäheriniň 2500 ýyllygy mynasybetli täzeden abatlandy.
5. Minaranyň beýikligi 29 metre barabar.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**14.** **(**Pikir ýöretmek-13 bal. giňeldilen) **Tekstden 4 sebäp we netijäni anyklaň.**
**Jogaby:**_____________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________
_________________________________________________________________________

**15.** (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) **Ýurdumyzda turizmi ösdürmek hem-de, Hywa şäherine turistleriň ünsüni çekmek üçin nähili teklip berip bilýäňiz? Tekliplerińizi 50-60 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby:**__________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

## 3-nji TEKST (ene dili)

**Ylmy-populýar tekst**
11-15-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

### KELTEMINAR

**I**

Häzirki wagtda Köne Hywa şäherini bu binagärlik ýadygärligisiz göz öňüne getirmek kyn. Kelteminar Hywa şäherindäki Içan gala sebitinde ýerleşip, şäheriň nyşany hökmünde ykrar edilýär. Ol 1990-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň obýektleriniň sanawyna girizildi. Özbegistandaky iň beýik orta asyr minaralarynyň arasynda 6-njy orny eýeleýär. 1996–1997-nji ýyllarda bu ýadygärlik Hywa şäheriniň 2500 ýyllygy mynasybetli abatlandy. XIX asyryň gaýtalanmajak nagyşlary we ýazgylary täzeden dikeldildi, bu bolsa minaranyň özüne mahsus beýik keşbini gaýtaryp berdi.

**II**

Kelteminar Muhammet Aminhan medresesiniň öň tarapynda ýerleşýär we käwagt onuň bir bölegi hökmünde hem hasaplanýar. Özbegistandaky iň beýik orta asyr minaralarynyň arasynda 6-njy orny eýeleýär. Minaranyň ikinji gatyndan başlap, medrese bilen baglanyşýan köpri arkaly ýokarlygyna çykmak bolýar. Içinde ýokarlyga alyp çykýan agaç basgançak bar, we ol ýygy-ýygydan abatlandyrylyp durulýar.

Ol daşky tarapy syrçaly kaşi mozaika we maýolika bilen örtülen ýeke-täk minaradyr. Onuň ölçegi we aýratyn bezegleri adamy haýran galdyrýar. Kaşilerinde goýy ýaşyl, gök we ak reňkler agdyklyk edýär, käbir nagyşlar firuza reňkine eýedir. Gün şöhlesi islendik jisimiň reňkini üýtgedýär, ýagny ony agardýar ýa-da açyk öwüşgine getirýär. Bu ýagdaý minarada duýulmaýar. Näçe wagt geçen hem bolsa, edil täze gurlan ýaly saklanyp dur. Minaranyň daşky diwarlarynda diňe pars dilinde ulanylýan harplardan ybarat gaýtadan dikeldilen ýazgylar bar.

**III**

Minaranyň düýbi 15 metr çuňlukda ýerleşýär, onuň diametri 14,5 metre deň we beýikligi 29 metrdir. Minara kesik konus görnüşinde gurlan. Dinamik daralmagyna

seredilende, gurluşy tamamlanan bolsa, onuň beýikligi 100 metre ýetip, Orta Aziýadaky iň uly we iň beýik minara bolup biljekdi. Emma minaranyň gurluşygy ahyryna ýetmedi, şonuň üçin ol uly, syrly çelege meňzeş ýagdaýda galypdyr. Şonuň üçin oňa “Kalta minara” diýip at berlipdir.

Hywaly taryhçy we ýazyjy Ogahynyň ýazmagyna görä, minaranyň gurluşygy 1852-nji ýylda başlanypdyr, emma gurluşygyň başyny çykan Muhammet Aminhan 1855-nji ýylda Serahs golaýyndaky söweşde aradan çykandygy sebäpli tamamlanmandyr.

**IV**

Halk arasynda Kelteminar bilen baglanyşykly köp sanly rowaýat bar. Olardan birine görä, Hywa hany depesinden uly Buharanyň görünýän örän beýik minaranyň gurlamagyny buýurýar. Bu habary eşiden Buhara emiri ussalar bilen ylalaşyp, Buharada hem şeýle minarany gurmagy meýilleşdirýär.

Muny duýan Hywa hany minara tamamlanandan soň ussalary minaradan zyňmagy buýurýar. Han şeýle minaranyň başga ýerde gaýtalanmagyny islemeýärdi. Ussalar bu ýagdaýy bilip galansoň, hananyň buýrugy barada kerpiç ýüzüne ýazyp, ýokarda işleýän uly ussa ýetirmegi başarýarlar. Ol bolsa ölümiň öňüni almak üçin özüne ganat ýasap uçup gidýär, şonuň üçin minara ahyryna çenli gurulman galypdyr diýýärler.

Şeýlelik bilen, bu rowaýatly minara henizem syýahatçylaryň ünsüni özüne çekip gelýär.

**11.** (Bilmek-4 bal) **Tekstdäki maglumatlar berlen jogaplary anyklaň.**

A) Minara içindäki agaç basgançaklar yzygiderli abatlap durulýar.
B) Kelteminaryň baş ussasy hanyň gahar-gazabyna sezewar bolup, ogurlanyp öldürildi.
C) Minaranyň üstüne gün nurlary dik düşendigi üçin koşinalardaky ýazgylar ilkinji reňkini ýitirdi.
D) Gurluşygyň başlangyç taslamasynyň eýesi Muhammad Aminhan uruşda heläk bolandygy sebäpli minara gutarmady.
E) Rowaýatlara görä, minaranyň baş ustasy Hiwa patyşasynyň malikasy bilen hoşlaşandygy üçin han tarapyndan ogurlanyp öldürildi.

**Jogaby:** | | | | | |

**12.** (Ulanmak-6 bal) **Tekstiň bölümleri arasyndaky mazmun taýdan baglylyga üns beriň we haýsy bölümde gaýtalanýan pikir bardygyny anyklaň.**

A) II bölümde gaýtalanan
B) III bölümde gaýtalanan
C) IV bölümde gaýtalanan
D) I bölümde gaýtalanan

**Jogaby:** | |

**13.** (Pikir ýöretmek-8 bal, gysga jogaply) **Şu tekstden alnan sözlemleriň haýsysy fakt hasaplanýar?**

1. Minara ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy obýektleri sanawyna girizilen.
2. Minarada XIX asyryň özboluşly nagyş we ýazgylary täzeden dikeldilen.
3. Minaranyň binýady 15 metr çuňlukda ýerleşýär.
4. Minaranyň koşinalarynda açyk ýaşyl, gök we ak reňkler üstünlik edýär.
5. Rowaýata görä, baş ussa özüne ganat ýasap, uçup gidipdir.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**14.** (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) Tekste daýanyp gurulyşy soňlanamdyk minaranyň bu günki günde syrly we geň galdyryjy obýekt sypatynda gadyrlanmagynyň sebäbi we netijesini ýazyň.

**Jogaby:**__________________________________________________________

**15.** (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) Ýurdumyzdaky taryhy ýadygärlikleri goramak we olary ýaşlar arasynda wagz nesihat etmek üçin nähili teklip berip bilýärsiňiz? Teklipleriňizi 50-60 söz bilen beýan ediň.

**Jogaby:**__________________________________________________________

**4-nji TEKST (ene dili)**

**Ylmy populýar tekst**
11-15-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

## DAGLAR

### I

Ýer ýüzüniň tekizliginden ýeke ýa-da hatar görnüşinde göterilip duran belent ýerleri daglar diýilýär. Daglar dürli ýönelişde, dürli aralykda, göni çyzyk ýa-da ýaýsyman şeklde uzalyp gidýär. Daglaryň beýikligi deňiz derejesinden birnäçe kilometre çenli göterilip bilýär. Dagly ýerlerde dag ulgamlary, ýalňyz daglar, jülgeler, giň dag etekleri hem bar. Häzirki wagtda daglar dünýä landşaftynyň bäşden bir bölegini düzýär we dünýä ilatynyň ondan bir bölegini ýaşaýyş jaý bilen üpjün edýär.

### II

Daglaryň beýikligi deňiz derejesinden birnäçe kilometre çenli göterilip bilýär. Mysal üçin, Ýer ýüzüniň iň beýik nokady Gimalaý dagyndaky Jomolungma (Everest) gaýasydyr, beýikligi 8848 m. Daglaryň relýefi özüne mahsus bolup, ol dik, buzlyk döredýän gyrlar, piramida şekilli gaýalar we jülgelerden ybarat bolýar. Şeýle gurluşly daglara Kawkaz, Pamir, Týanşan, Gimalaý, Alp, Kordilýera daglaryny mysal getirmek bolýar.

Alymlaryň barlaglaryna görä, deňizleriň astynda hem daglar bar, şeýle hem olara gury ýere seredende okeanlarda köp duş gelmek mümkin. Käbir adalar suwdan çykýan daglaryň gaýalarydyr.

### III

Daglar 3 görnüşe — tektonik, erozion we vulkanik görnüşlere bölünýär. Tektonik daglar Ýer plitalarynyň özara güýçli urulmagy, süýşmegi we birleşmeginden göterilýär. Gaýalary dik we beýik, uzyn we ýaýsyman görnüşinde bolýar. Şeýle daglar esasan ýaş daglar hasaplanýar we olarda ýer titremeler tiz-tizden ýüze çykýar. Gimalaý we Alp daglary şolaryň hataryna girýär.

Wulkanik daglar ýerasty wulkanlaryň partlamasy netijesinde ýüze göterilip çykan lawa gatlaklarynyň sowup gatylaşmagyndan emele gelýär; adatça şekli konus görnüşli bolup, başynda krater (agyz) bolýar. Şeýle daglara Fudziýama, Wezuwiý, Etna we Kilimanjaro daglaryny mysal getirmek bolýar.

Eroziýa daglary uzak wagtyň dowamynda suw, şemal, buzluklar ýa-da beýleki daşarky güýçleriň täsiri bilen ýuwulyp, kem-kemden emele gelen daglardyr. Ilkibaşda beýik we bitewi bolan dag jynslary wagtyň geçmegi bilen ýuwulýar, böleklere bölünip, peselip başlaýar. Netijede, gyrly, gowakly, nätekiz şekilli daglar emele gelýär. Olaryň gaýalary tegelek ýa-da ýumrulan bolup, dik gaýalar seýrek duş gelýär, derýa jülgeleri we jarlary köp bolýar. Köplenç olar gadymy dag ulgalary hasaplanýar. Şeýle daglara Ural we Appalaçi daglary girýär.

### IV

Daglar tebigatdaky iň gözel ýerleriň biridir. Alymlar ýakyn wagta çenli olaryň wezipesini doly bilmändiler. Ylym ösüp başlandan soň, daglaryň birnäçe möhüm wezipesiniň bardygy anyklandy. Mysal üçin, daglar öz şekili we ýer astyna çuň

aralaşandygy sebäpli, ýer gatlaklarynyň süýşmeginiň öňüni alyp, olary sütün ýaly saklap durýar. Şeýle hem olar tebigy baýlyklaryň emele gelmeginde möhüm rol oýnaýar. Ösümlikler we haýwanlar dünýäsi üçin ajaýyp gurşaw bolup hyzmat edýär. Dag jynslarynyň ýuwulmagy netijesinde hasylly toprak emele gelýär. Daglarda adamzat üçin iň zerur bolan süýji suwuň 80 göterimi jemlenýär. Mundan başga-da, olar tebigy päsgelçilik bolup, käbir sebitleri şemaldan we sowukdan goraýar.

**11.** (Bilmek-4 bal) **Tekstdäki maglumatlar berlen jogaplary anyklaň.**

A)Daglaryň nähili emele gelendigi häzire çenli adamzat üçin syr bolup galýar.
B) Daglar ýer gatlaklarynyň süýşmeginiň öňüni alyp, olary sütün ýaly saklap durýar.
C) Dag gaýalary awiasiýa ulgamynda ugruny kesgitlemekde möhüm hasaplanýar.
D) Dagyň beýikligini hasaplamakda deňziň ýerleşişi esasy ölçeg bolup hyzmat edýär.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**12.** (Ulanmak-6 bal) **Tekstiň bölekleriniň arasyndaky many baglanyşyklaryna üns beriň we haýsy bölekde gaýtalanýan pikiriň bardygyny anyklaň.**

A) IV bölümde gaýtalanan
B) I bölümde gaýtalanan
C) III bölümde gaýtalanan
D) II bölümde gaýtalanan

**Jogaby:**

| |
|---|
| |

**13.** (Pikir ýöretmek-8 bal, gysga jogaply) **Şu tekstden alnan sözlemleriň haýsysy fakt hasaplanýar?**

1. Gimalaý dagyndaky Jomolungma gaýasynyň beýikligi 8848 metrdir.
2. Daglar dünýä ilatynyň ondan bir bölegini ýaşaýyş jaý bilen üpjün edýär.
3. Daglar 3 görnüşe — tektonik, eroziýa we wulkanik görnüşlere bölünýär.
4. Daglar tebigatdaky iň gözel ýerleriň biridir.
5. Gimalaý we Alp daglary tektonik daglaryň hataryna girýär.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

**14.**(Pikir ýöretmek-13 bal. giňeldilen) **Tekstden 4 sebäp we netijäni anyklaň.**
**Jogaby***:*______________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

15. (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) **Özbegistanda ekologiýany goramak maksadynda dag turizmini dogry ýola goýak üçin nähili teklip berip bilýäňiz? Teklibiňizi 50-60 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby***:*

**5-nji TEKST (ene dili)**

**Ylmy-populýar tekst**
11-15-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

## DAGLAR

### I

Ýer ýüzüniň tekizliginden ýeke ýa-da hatar görnüşinde göterilip duran belent ýerleri daglar diýilýär. Daglar dürli ýönelişde, dürli aralykda, göni çyzyk ýa-da ýaýsyman şeklde uzalyp gidýär. Daglaryň beýikligi deňiz derejesinden birnäçe kilometre çenli göterilip bilýär. Dagly ýerlerde dag ulgamlary, ýalňyz daglar, jülgeler, giň dag etekleri hem bar.

### II

Daglaryň belentligi deňiz derejesinden 200 metrden bir näçe km-e ýetýär. Mysal üçin, Ýer ýüzüniň iň beýik nokady Gimalaý dagyndaky Jomolungma (Everest) gaýasydyr, beýikligi 8848 m. Alymlaryň barlaglaryna görä, deňizleriň astynda hem daglar bar, şeýle hem olara gury ýere seredende okeanlarda köp duş gelmek mümkin. Käbir adalar suwdan çykýan daglaryň gaýalarydyr. Häzirki wagtda daglar dünýä

landşaftynyň bäşden bir bölegini düzýär we dünýä ilatynyň ondan bir bölegini ýaşaýyş jaý bilen üpjün edýär.

### III

Daglar 3 görnüşe — tektonik, erozion we vulkanik görnüşlere bölünýär. Tektonik daglar Ýer plitalarynyň özara güýçli urulmagy, süýşmegi we birleşmeginden göterilýär. Gaýalary dik we beýik, uzyn we ýaýsyman görnüşinde bolýar. Şeýle daglar esasan ýaş daglar hasaplanýar we olarda ýer titremeler tiz-tizden ýüze çykýar. Gimalaý we Alp daglary şolaryň hataryna girýar.

Wulkanik daglar ýerasty wulkanlaryň partlamasy netijesinde ýüze göterilip çykan lawa gatlaklarynyň sowup gatylaşmagyndan emele gelýär; adatça şekli konus görnüşli bolup, başynda krater (agyz) bolýar. Şeýle daglara Fudziýama, Wezuwiý, Etna we Kilimanjaro daglaryny mysal getirmek bolýar.

Eroziýa daglary uzak wagtyň dowamynda suw, şemal, buzluklar ýa-da beýleki daşarky güýçleriň täsiri bilen ýuwulyp, kem-kemden emele gelen daglardyr. Ilkibaşda beýik we bitewi bolan dag jynslary wagtyň geçmegi bilen ýuwulýar, böleklere bölünip, peselip başlaýar. Netijede, gyrly, gowakly, nätekiz şekilli daglar emele gelýär. Olaryň gaýalary tegelek ýa-da ýumrulan bolup, dik gaýalar seýrek duş gelýär, derýa jülgeleri we jarlary köp bolýar. Köplenç olar gadymy dag ulgalary hasaplanýar. Şeýle daglara Ural we Appalaçi daglary girýär.

### IV

Daglar tebigatdaky iň gözel ýerleriň biridir. Alymlar ýakyn wagta çenli olaryň wezipesini doly bilmändiler. Ylym ösüp başlandan soň, daglaryň birnäçe möhüm wezipesiniň bardygy anyklandy. Mysal üçin, daglar öz şekili we ýer astyna çuň aralaşandygy sebäpli, ýer gatlaklarynyň süýşmeginiň öňüni alyp, olary sütün ýaly saklap durýar.Şeýle hem olar tebigy baýlyklaryň emele gelmeginde möhüm rol oýnaýar. Ösümlikler we haýwanlar dünýäsi üçin ajaýyp gurşaw bolup hyzmat edýär. Dag jynslarynyň ýuwulmagy netijesinde hasylly toprak emele gelýär. Daglarda adamzat üçin iň zerur bolan süýji suwuň 80 göterimi jemlenýär. Mundan başga-da, olar tebigy päsgelçilik bolup, käbir sebitleri şemaldan we sowukdan goraýar.

**11.** (Bilmek-4 bal) **Tekstdäki maglumatlar berlen jogaplary anyklaň.**

A) A) Hatda deňizleriň düýbünde hem daglar bar, üstesine-de, gury ýer bilen deňeşdirilende, olara ummanlarda has köp duş gelinýär.
B) Daglaryň diňe Ýer ýüzüniň gury ýer böleginde ýerleşýändigi alymlar tarapyndan subut edilendir.
C) Daglar Ýerdäki ýaly, Ýeriň tebigy hemrasy bolan Aýda hem bar.
D) Ural we Appalaçi daglary wulkaniki daglaryň hataryna girýär.
E) Fudziýama, Wezuwiý, Etna we Klimanjaro daglarynyň depelerinde ýörite krater (agyzlar) bar.

**Jogaby:** | | | | | |

**12.** (Ulanmak-6 bal) **Tekst bölekleriniň arasyndaky many baglanyşyklaryna üns beriň we haýsy bölekde gaýtalanýan pikir bardygyny anyklaň.**

A) IV bölekde gaýtalanan
B) II bölekde gaýtalanan
C) III bölekde gaýtalanan
D) I bölekde gaýtalanan

**Jogaby:** | |

**13.** (Pikir ýöretmek-8 bal, gysga jogaply) **Şu tekstden alnan sözlemleriň haýsysy fakt hasaplanýar?**

1. Ýer ýüzüniň tekizliginden ýeke ýa-da hatar görnüşinde göterilip duran belent ýerleri daglar diýilýär.
2. Alymlar ýakyn geçmişe çenli daglaryň wezipesini bilmeýärdiler.
3. Gimolý dagyndaky Everest depesiniň beýikligi 8848 metre barabar.
4. Daglar häzirki wagtda dünýä landşaftynyň bäşden birini düzýär.
5. Daglarda adamzat üçin iň zerur bolan çyg suwunyň 80 göterimi jemlenýär.

**Jogaby:** | | | | | |

**14. (**Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) **Daglaryň tebygy resurslary we ynsan ýaşaýyşy arasyndaky sebäp-netije gatnaşyklary anyklap ýazyň.**
**Jogaby*:***_______________________________________________

**15.** (Pikir ýöretmek-13 bal, giňeldilen) **Dagly zonalarda suw, toprak, ösümlik we haýwanat dünýäsini saklap galmak üçin nähili teklip berip bilersiňiz? Teklipleriňizi 50-60 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby*:***

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

## Edebiýat

**16-njy SORAG**

**1.** (Bilmek-8 bal) **Aşakdan halk döredijiligine degişli eserleri anyklaň.**

1. «Gorkut ata», «Aýgytly ädim», «Şükür bagşy».
2. «Görogly», «Gorkut ata», «Akpamyk».
3. «Akpamyk», «Ertekiniň gelip çykyşy», «Kärizgenler».

**Jogaby:** ☐

**2.** (Bilmek-8 bal) **Fantastik ertekilere berlen düşündirişi anyklaň.**

1.Bu ertekileriň hem baş gahrymanlary adamdyr. Ýöne ol gahryman adatdan daşary güýçlere, häsiýetde bolýarlar. Olar adatdan daşary güýçler bilen söweşmeli bolýandyklary üçin, şeýle sypatlarda suratlandyrylypdyr.
2. Bu topara girýän ertekiler ýaşaýyşda bolup biläýjek wakalary, galapyn, dogruçyl açyp görkezýär. Olaryň gahrymanlary adamlar. Sosial gatlaga degişlidigi taýyndan adamlar barlylar we ýoksullar diýip topara bölünýärler, olaryň arasyndaky garşylyk durmuşy wakalaryň üsti bilen suratlandyrylýar.
3. Bu topar ertekileriň wakasy sada, möçberi gysga, kompozision gurluşy ýönekeý bolýar. Olaryň gahrymanlary haýwanlar.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Bilmek-8 bal) **«Görogly» eposynyň «Bezirgen» şahasyndaky gahrymanlara berlen tarypy anyklaň.**

1. Abdylla Galandar – Görogla Yspyhanda ýaraglaryny tapmaga kömek edýär. Myhmanyň sarpasyny belen tutup, Görogla adamkärçiligiň belent nusgalaryny görkezýär.

2. Arap Reýhan – «Arym köýenden imanym köýsün» diýip, Çandybile baryp Gülendamy alyp gaýdan rehimsiz adam.
3. Aýsoltan – Dost-doganlyga sarpa goýýar. Ar-namysy üçin göreşýän zenan obrazy.

**Jogaby:** ☐

**4.** (Bilmek-8 bal) **Dessan žanryna berlen anyл düşündirişi anyklaň.**

1. Tutuş bir wakany gürrüň hem goşgy üsti bilen suratlandyrýan epik eser. Liro-epiki žanra degişlidir. Wakalaryň, hadysalaryň beýany söz hem şygyr üsti bilen berilýär. Sözdür şygyr gezekleşdirlip ulanylyar.
2. Liro-epiki žanra degişlidir. Wakalaryň, hadysalaryň beýany söz hem şygyr üsti bilen berilýär. Boýdan-başa fantastik häsiýetde bolýar.
3. Epiki zanra degişli bolup, diňe söz üsti bilen beýan edilýär. Wakalar boýdan-başa gahrymançylykly häsiýete eýe bolup, fantaziýa çakdanaşa ýykgyn edilýär.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Bilmek-8 bal) **Halk döredijiligi žanrlaryndan şorta sözlere berlen düşündirişi anyklaň.**

1. Durmuşdaky zatlar esasynda döredilip, oturulyşykda, meýlisde ýa-da iki adamyň arasynda aýdylýan degişme, güýç synanyşma häsiýetli meňzetmeler.
2. Ýiti sözli şahyrlaryň döredijiliginde duş gelýän degişme häsiýetli, gülküli kä halatlarda ýiti tankytly kiçi göwrümli proza eseri.
3. Täsin wakalara baý we çuň mazmunly bolýarlar. Olarda erkana, eşretli durmuş, adamkärçilik, ynsan mertebesi, ertirki ýaşaýyş hakdaky süýji arzuwlaryň hasyl bolmagy ugrunda halkyň alyp baran göreşleri dürli formalarda çeper beýan edilýär.

**Jogaby:** ☐

**17-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-9 bal) **«Leýli we Mejnun» dessanyndaky obrazlara berlen dogry pikirleri anyklaň.**

1. Mejnun öz döwrüniň adalatsyzlyklaryna garşy göreşip, öz arzuwlaryna, söýgüsine ýetip bilen merdana hereket edýän ýigitleriň obrazy.
2. Leýli dessanyň başyndan tä ahyryna çenli öz söýgülisine wepaly, adalatsyzlyklaryň agyr sütemini gaýratlylyk bilen başdan geçiren gyzlaryň tipinde hereket edýär.
3. Zeýt halypa ilkibaşda Mejnunyň ruhy hemaýatçysy bolsa-da, soňabaka olaryň arasynda duşmançylyk gatnaşyklary has güýjeýär.
4. Nowfyl adalatly hanlaryň tipidir. Ol şöhratparaz feodallary ýigrenýär.

**Jogaby:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

**2.** (Ulanmak-9 bal) **«Nejep oglan» dessanyndaky obrazlara berlen dogry pikirleri anyklaň.**

1. Nejep – Sazandalyk, bagşyçylyk syrlaryny Aşyk |Aýdyň pirden öwrenýär. Piriň söýgüli şägirtleriniň biri bolýar, öweý atasyndan hünäriniň güýji bilen ar alýar.
2. Nowruz – Nejep oglany ilkinji aýdyşykda ýeňýär. Ikinji aýdyşykda ondan ýeňilýär.Özüniň okde sazandadygyny Nejebe görkezýär.
3. Elbent – Özüne göwni ýetýän, özi ýaly birnäçe ökde sazandalary, bagşylary ýetişdirýär. Nejep oglany ýaryşda ýeňmegi başarýan ussat bagşy.
4. Soltanesen – Ýemen iliniň adalatly hökümdary, mydama garyp-gasarlary goldap, ylym-bilimiň ösmegine jan-jähdi bilen hereket edýär.

**Jogaby:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

**3.** (Ulanmak-9 bal) **Mollanepesiň «Zöhre-Tahyr» dessanyndaky obrazlara berlen dogry pikirleri anyklaň.**

1. Mahym – Babahan şanyň gyzy bolup, öz söýgüsine ýetişmek üçin adalatly hereket edýär.
2. Zöhre – Adyl şanyň gyzy bolup, adalatsyzlyklary paş ediji gyzlaryň tipi bolup hereket edýär.
3. Babahan – Adalatly, ahdine wepaly şalaryň tipidir. Ol aşyklaryň söýgüsine garşy çykmaýar.
4. Tahyr – Bahyr weziriň ogly bolup, öz söýgüsine ýetişmekde tutanýerli, mert ýigitleriň tipidir.

**Jogaby:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

**4.** (Ulanmak-9 bal) **«Şasenem-Garyp» dessanyndaky obrazlara berlen dogry pikirleri anyklaň.**

1. Şasenem – Şasenem şa gyzy, onuň dünýäde kem zady ýok, özbaşyna köşgi bar, kenizleri daşynda. Şonuň üçinde ol Garybyň söýgüsini inkär edýär.
2. Şawelet – Dessanda ar-namysly hereket edýär, aşyklaryň arasyna goşulmak islemän, Şaapbasyň teklibi ret edýär.
3. Şaapbas– Şasenemiň garyp güne düşen bir ýigidiň jübüti bolmagyna garşy çykmaýar. Ol aşyk-bilen magşugyň biri-birine gowşup, bagtly ýaşamaly diýen pikirde.
4. Garyp – hereketlerinde, oý-pikirlerinde söýgä wepalylyk bilen birlikde, öz Watanyny gyzgyn söýýän asylly türkmen ýigidiniň edebi keşbi janlanýar

**Jogaby:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

**5.** (Ulanmak-9 bal) **«Gülpam» dessanyndaky obrazlara berlen dogry pikirleri anyklaň.**

1. Gülpam – akylly, ugurtapyjy, öz pähim-paýhasy bilen daş-töweregindäkileri haýran galdyryp bilýän zenan obrazy.
2. Soltansöýün – atasynyň wesýeti esasynda özüne döwlet işleri dolandyrmakda ýakyn kömekçi bolup biljek adamlary agtaryp tapýar.
3. Myraly – Soltansöýüniň wezirlik teklibini ret edýär. Ol atasyndan miras galan goýunlary bakyp, çopançylyk etmegi makul görýär.
4. Edlet – Saray emeldarlygyna höwesek, özi ýaly emeldarlary Soltanesene garşy hereket etmäge çagyrýar.

**Jogap**

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |

**18-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-9 bal) **Goşgy setirlerine berlen dogry pikiri anyklaň.**
Dönüklik edende enäň öňünde,
Biziň ilde ýigit diýmek gadagan.
Söýýän diýip ýüz gezek ant içenden,
Biz bir gezek bolýas enä sadaga.

A) Berdinazar Hudaýnazarowyň galamyna degişli bolup, enä bolan söýgi perzende ene süýdi bilen geçýändigi hakynda aýdylýar.
B) Gurbannazar Ezizowyň goşgusy bolup, enäniň mukaddesligi, ony hemişe eziz saklamak gerekdigi hakda aýdylýar.
C) Goşgy setirleri Berdinazar Hudaýnazarowa degişli bolup, enä bolan söýgini diňe owadan sözler bilen bezemän, ony amalda görkezmelidigi aýdylýar.
D) Annaberdi Agabaýewiň goşgusyndan alnyp, enä bolan hakyky söýgini hereket üsti bilen görkezmelidigi aýdylýar

**Jogaby:** ☐

**2.** (Ulanmak-9 bal) **Goşgy setirlerine berlen dogry pikiri anyklaň.**
*...Durmuş Kiselýowyň «Algebrasy» däl,*
*Durmuş algebradan çylşyrymly has.*
*Onda ýalňyşmagam asla günä däl,*
*Onda ýalňyşmazlyk üçin ýalňyşýas.*
A) Sapar Öräýewiň «Tahyra» goşgusyndan alnyp, durmuşy algera mysalynda hasap-hesipden ybaratdygy, çözmesi kyn meseleleriň bardygy aýdylýar.
B) Gurbannazar Ezizowyň goşgy setirleri bolup, durmuşyň has çylşyrymlydygyny, käte ynsan tötänden ýalňyşýandygy, ýalňyşmagyň günä däl-de ynsana sapak bolup biljekdigi hakda aýdylýar.
C) K. Gurbannepesowyň «Maşgala we mekdep» goşgusyndan alnyp, durmuşyň kynçylyklary, sütemleri hakynda söz ýüwürdip, olara hemişe döz gelmek zerurlygy aýdylýar.

D) Gara Seýitliýewiň adam we durmuş» goşgusyndan alnan bolup durmuşyň has çylşyrymlydygyny, käte ynsan tötänden ýalňyşýandygy, ýalňyşmagyň günä däl-de ynsana sapak bolup biljekdigi hakda aýdylýar.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-9 bal) **Goşgy setirlerine berlen dogry pikiri anyklaň.**

– Gelin näme dänjirýärsiň? Çüýredimi öňki dişiň?
Altyn seni ýigdeltmändir: kyrk bolupdyr otuz ýaşyň.
Hem pul seçdiň hem garradyň, hem dişiňe berdiň jebir...
Iller şeýdýär, bizem şeýtdik,
Döwür şeýle döwür...

A) H. Kulyýewiň galamyna degişli bolup, döwrüň pyssy-pujurlyklarynyň üstünden söz açýar.
B) Bu goşgy setirleri Kerim Gurbannepesowa degişli bolup, durmuşda duş gelýän nogsanlyklary paş edýär, ahlak taýdan pese düşen adamlary ýazgarýar.
C) Rähmet Seýidow bu goşgusynda öz kemçiliklerini döwrüň üstüne ýükleýän adamlary näletleýär.
D) Şahyr Berdinazar Hudaýnazarow bu goşgusynda daşky gözelligi üçin kän pul sarplaýan adamlary ýazgarýar.

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-9 bal) **Goşgy setirlerine berlen dogry pikiri anyklaň.**

Zyýany ýok aýralykdyr geçer bu.
Ýüregiňi daglamaly bolmasa sen.
«Gitdi» diýip aglamaly bolsaň-da,
«Gelmedi» diýp aglamaly bolma sen.

A) Gurbandurdy Geldiýewiň «Ykbal» goşgusyndan alnyp, uruş döwrüniň kynçylyklary suratlandyrylýar.
B) Halyl Kulyýewiň «Hoşlaşyk» goşgusy bolup, goşun gullygyna gidýan söwer ýaryny ugradýan gyzyň keşbini çekýär. Çuň pelsepä ýugrulan bu setirler bilen «Indi bir uruş bolmasyn» diýen pikiri öňe sürýär.
C) Ykbal Mürzäniň «Hijran» goşgusy bolup, aýralygyň agyr sütemleri hakynda söz açýar.
D) Gara Seýitliýewiň «Adam we aýralyk» diýen goşgusynda uruş ýyllaryň adamzadyň başyna salan aýralygy hakynda söz açýar.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-9 bal) **Goşgy setirlerine berlen dogry pikiri anyklaň.**

*Körpelere saýa gerekdir hökman,*
*Saýasyz ýaşasa bimydar bolar.*
*Dünýä gelen adam bir agaç ekmän,*
*Gitse dünýämize bergidar bolar.*

A) Gara Seýitliýewiň «Adam we ýadygärlik» goşgusyndan alnyp, adamzat bu dünýäde özünden ýadygärlik galdyryp gitmese, bu dünýä bergidar boljakdygy hakynda aýdylýar.
B) Berdinanazar Hudaýnazarowyň «Adam hakynda aýdym» goşgusy bolup, körpeler üçin ýadygärlik galdyrmagy ululara nesihat edýär.
C) K. Gurbannepesow «Ömrüme pent» goşgusy arkaly her bir ynsanyň bu dünýäde ýagşy at galdyrmak borjudygyny ýatladýar.
D) Ykbal Mürzäniň «Miras» goşgusyndan alnyp, geljekki nesillere ýagşy at, ýagşy zat galdyrmagy aýdyp geçýär.

**Jogaby:** ☐

## 19-njy SORAG

**1.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky bölege dogry berlen pikiri anyklaň.**

*Bu ýerdäki balykçylaryň köpüsi gojanyň üstünden gülýärdiler, goja şonda-da olara gaharlanmaýardy gojaman balykçylara bolsa oňa seretmek gaýgyly bolýardy. Şonuň üçin olar ony görmediksirän bolýardylar. Suwuň akymy, çeňňegi nähili çuňluga taşlandyklary, howanyň bolup durşy, şeýle-de deňizde gören zatlar barada özara gürrüň edýärdiler. Bu gün kimiň awy oňan bolsa, eýýäm balyk tutmakdan dolanyp gelipdiler. Olar özleriniň tutan marlinleriniň garynlaryny ýaryp, olary iki sany tagtanyň üstüne keseligine goýyşdyryp, tagtanyň her çetinen iki bölüp göterip, balyk ammaryna eltýärdiler, ol ýerden olary refreželatorlar bilen Gawanadaky bazarlara alyp gidýärdiler.*

1. Bu bolek Ernest Hemengueýiň «Goja we deňiz» powestinden alnyp, Terrasdaky balykçylaryň gündelik hereketi suratlandyrylýar.
2. L. N. Tolstoýyň «Kawkaz ýesiri» atly eserinden alnan bu bölekde Ziliniň ýesirlikdäki ýatlamasy hakynda söz açylýar.
3. Reý Bredberiniň «Bir günlük tomus» hekaýasyndan alnan bu bölekde Wnera planetasyndaky Margonyň Ýer planetasyna gaýtmagy küýsäp, Ýer bilen bagly ýatlamalryň göz öňüne gelşi suratlandyrylýar.

**Jogaby:** ☐

**2.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky bölege dogry berlen pikiri anyklaň.**

*Ol örän gysga dowam etdi. Munuň özi bary-ýogy ýigrimi minut wagt sarp edilen boş bir formallykdy. Asyl uzak wagt sarp etmek gerek hem bolmady. Aklawçy goýberilmedi. Şaýat hökmünde diňe polisiýanyň ýaraly gizlin agenti, ofiserdir birnäçe soldat çykyş etdi. Karar öňünden çykarylyp goýlupdyr. Montanelli hem özüniň resmi däl razylyk hatyny beripdir. Sudýalara – polkownik Ferrarä, dragon maýoryna hem şweýsar gwardiýasyndan iki sany ofisere kän bir iş hem galmandy. Aýyplama akty okaldy, şaýatlar öz görkezmelerini berdiler, höküm gol çekilip tassyklandy hem günäkariň öňünde degişli dabara bilen okaldy. Ol sesini çykarman diňledi we düzgüne görä, günäkäre aýtjak zadyň barmy diýlip, iň soňky*

*söz berlende, ol diňe elini perwaýsyz salgap goýbermek bilen jogap berdi. Onuň gursagynda Montanelliniň gaçyran ýaglygy gizlenip durdy.*

1. Bu bölek Migel de Serwantesiň «Don Kihot» romanyndan alnyp, Don Kihody rysarlyk makamyndan azat etmek baradaky sut işi hekaýa edilýär.
2. Bu bölekde Etel Lilian Woýniçiň «Gögeýin» romanyndaky Gögeýiniň sut edilişi suratlandyrylýar.
3. Bölek A. S. Puşkiniň «Dubrowskiy» powesinden alnan bolup, Dubrowskiniň sut edilişi hakynda söz gidýär.

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky bölege dogry berlen pikiri anyklaň.**

*Sol gün seýtmäge özümi nämäniň mejbur edendigine henize şu güne çenli-de düşünip bilemok. Ýa-ha joralarymyň aýdanymy etmännine gaharlanyp, öz gepimi gögerjek bolupdyryn, ýa-da adamlaryň erk diýen, arzuw diýen zatdan meni ýaş başymdan mahrum edendikleri üçin, gaharyma ýaňky natanyş adama näme-de bolsa bir ýagşylyk etjek bolupdyryn. Aslyýetinde-hä men oňa hälki ýylygyrmasy üçin ýagşylyk etmekçi bolupdym, sebäbi özüme eden ynamy üçin, aýdýan hoşamaý-hoşamaý sözlerinden ýaňa ýüregim ýerine gelýärdi. Öz hakyky takdyrymyň, şatlykly hem-de jebir jepaly durmuşymyň içi tezekli doly haltaly günden, hut şol günden başlandygyny takyk bilýänem, hut şeýledigine ynanýanam. Meniň beýle diýmegimiňem sebäbi bar. Men özüme näme jeza beriljekdiginden howatyram etmän, o hakda pikirem etmän, ýüregime düwen zadymy ömrümde birinji gezek edip oturyberdim.*

1. Bölek Artur Konan Doýlyň «Meleler birleşigi» eserinden alnyp, doktor Uilson öz içki duýgularyny beýan edýär.
2. A. P. Çehowyň «Ýogyn we inçe» hekaýasyndaky Porfuriniň içki galagoplugyny beýan edýär.
3.Bu bölek Çingiz Aýtmatowyň «Ilkinji mugallym» powestindäki Altynaýyň içki duýgularyny beýan edýar.

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky bölege dogry berlen pikiri anyklaň.**

*Haýsydyr bir Lamanç obasynda, ol obanyň adyny agzasymam gelenok weli, nädeýin, gaty ir bolmadyk zamanda bir idalgo L ýaşapdyr, onuň bar ýarag-şaýy atasynyň atasyndan galan naýzasy, gadymy galkany, lakaşa aty hem tazysy bar eken. Begzadanyň naharyny sygyr etinden däl-de, köplenç goýun etinden taýýarlapdyrlar: şamlyk nahary mydama diýen ýaly winegret, penşenbe günleri doňuz ýagy bilen heýgenek, şenbe günleri merjimek, bazar günleri bolsa, baýramçylyk nahary hökmünde kepderi bişirilipdir.*

1. Bu bölek Migel de Serwantesiň «Don Kihot» romanyndan alnan bolup, awtor tarapyndan baş gahrymanyň ýaşan zamany, ady, obasy, iýen-içen zatlary hakynda gürrüň edilýär.

2. Bu bölek A. S. Puşkiniň «Dubrowskiý» powestinden alnyp, Dubrowskiniň itbakara gürrüň berýän hekaýaty.
3. Rabindranat Tagoryň «Khokababuwyň gaýdyp gelmegi» atly hekaýasyndan alnyp, Raýçoranyň hojaýnynyň ogluna berýän ertekisi.

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky bölege dogry berlen pikiri anyklaň.**

Ol ony ýanyna çagyryp:
– Meniň çagamy ber! Şonuň üçin näme alsaň al! – diýip, haýyş etmäge-de başlady. Emma Raýçoron, der-gazap bolup, diňe kellesini ýumruklaýardy. Hojaýyn aýal ony kowdy. Onukul Raýçoron barada aýalynyň adalatsyz müňkürligini taşlatmaga synanyşdy. Ol şeýle işi näme üçin etsin diýip, Onukul soraýardy.
– Näme üçin? Çagada altyn şaýlar bardy – diýip, aýaly jogap berýärdi.

1. Bu bolek Rabindranat Tagoryň «Khokababuwyň gaýdyp gelmegi» atly hekaýasyndan alnyp, gahrymanlaryň arasyndaky nägileligi beýan edýär.
2. Bu bölek Lenston Hýuzyň «Sag bol, ejejan» hekasayndan alnypdyr.
3. Bu bölek Walentin Rasputiniň «Fransuz dili sapaklary» hekaýasyndaky gahrymanlaryň arasyndaky söhbetdeşlik.

**Jogaby:** ☐

**20-nji SORAG**

**1.** (Ulanmak-9 bal) **Magtymguly aşakdaky goşgusynda goşgy düzülişiň haýsy formasyndan peýdalanandygyny anyklaň.**

Gökde pelek gerdandyr,
Halk ýerde sergezdandyr,
Ne bazygär jahandyr,
Göz açan maly gözlär.

A) rubagy
B) murapbag
C) mesnewi
D) müseddes

**Jogaby:** ☐

**2.** (Ulanmak-9 bal) **Magtymguly aşakdaky goşgusynda goşgy düzülişiň haýsy formasyndan peýdalanandygyny anyklaň.**

Ýaz geler, wagt-da gider, gaflata batmyş gözlerim,
Açaýyn diýsem açylmaz, ne agyr uýkulydyr.

Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz,
Asly gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymgulydyr.

A) Mesnewi
B) Gazal
C) Rubagy

D) Dörtleme

**Jogaby:** ☐

**3.** (Ulanmak-9 bal) **Magtymguly aşakdaky goşgusyny haýsy žanrda düzüpdir.**
*Bir käkilik aldyrsa körpe balasyn.*
*Saýraý-saýraý, yzlamaýan bolarmy?*
*Bir bilbil ýitirse gyzyl lälesin,*
*Hasratyndan sözlemeýen bolarmy?*
A) allegoriýa
B) elegiýa
C) tragediýa
D) komediýa

**Jogaby:** ☐

**4.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky goşgy bendindäki haýsy jümläni refren hasaplamak bolar.**
Ol nämedir, ýakasy bar, ýany ýok?
Ol nämedir, ganaty bar, gany ýok?
Ol nämedir, adam ýuwdar, jany ýok?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!
A) Ol nämedir, ýakasy bar, ýany ýok?
B) Ol nämedir, ganaty bar, gany ýok?
C) Ol nämedir, adam ýuwdar, jany ýok?
D) Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

**Jogaby:** ☐

**5.** (Ulanmak-9 bal) **Aşakdaky goşgy setirlerindäki haýsy sözi redif hasaplamak bolar.**
Bu jahandan doýmaz gözüň sir olmaz,
Her tilkiden ýolbars olmaz, şir olmaz,
Ýigit diýgeç, hemme ýigit bir olmaz,
Goç ýigitler myhmanynda bellidir.
A) sir
B) şir
C) bir
D) olmaz

**Jogaby:** ☐

**21-25-nji SORAGLAR**

**1- NJI ÇEPER TEKST**

21-25-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

**21**

Eli dutarly bir ýigit Marynyň «Ýolbarsly» çaýhanasynyň ýanyndan geçýän köçäniň gyrasynda durdy. O ýigidiň gözleri ýanýardy, aýratyn bir timar berlen şar gara murty şöhlelidi. Uzakdan generalyň paýtuny göründi. Ýaňky ýigit köçä has ýakyn durdy we gözlerini paýtundan aýyrmady. Paýtunyň yzky oturgyjynda sary gulpakly rus gyzy töwerege bilesigeliji garap otyr.

O gyz ýigidi görenden ýylgyrdy, ýigidem oňa mährem ýylgyryp bakdy-da «sag bol» diýýän ýaly edip elini salgady. Gyzam ýylgyrdy. Baş atdy. Paýtun uzakda gözden ýitdi. Beýle pursat soňam birküç gezek gaýtalandy. Ýigit sary gulpakly general gyzyny göresi gelip, özge dünýäden sowap başlanyny hem duýmady.Bir gije «Ýolbarsly» çaýhanasynda gözlerini ýumup, «Gözelim» diýen aýdyma gygyryp otyrka, birden gözlerini açdy weli, gapynyň bosagasynda şol sary gulpakly gyz ýylgyryp dur. Bagşy aýdymyny kesdi. Ýerinden turdy. Gyz ylgap geldi-de bagşynyň golundan tutdy.

– Sen beýik bagşy.Adyň näme?

– Garly.

– Karli, meniň doglan günüm şu aýdymy aýdyp berermiň?

– Çagyrsaňyz aýdaryn.

– Men seni çagyrýan. Juma güni agşamlyk hökman bize gel.

Sary gulpakly gyza ýakyndan bakyp, onuň erem bagy ýaly ýakymly ysyna aklyny ýitirip duran bagşy özüni bütinleý unutdy. Töwerekde aýdym diňläp oturan märeke-de bu wakany görüp geň galdy.Şo mahal general gaharly ýöräp jaýa girdi.Hiç kime garaman, göni gelip, gyzynyň elini bagşynyň elinden siltäp aldy-da, daşary ýöräp ugrady.Gyz öýden çykýança bagşydan gözüni aýyrmady.

– Kaka men bagşyny doglan günüme çagyrdym. Ol hökman bizde aýdym aýdar.

General geplemedi. Zarply ýöräp, gyzyny süýräp diýen ýaly idirrikledip çykdy gitdi. Paýtuna münensoňlar general gaharly bolsa-da özüni saklady.

– Gyzym, sen meni masgara edýäň. Saýrylar bilen beýle gepleşmek bolmaz. Seniň aklyň ýetmeli ahyry.Wagşylykdan saýlanmadyk sürä ýakyn durmak bolarmy?!

– Kaka! Beý diýme! Türkmenler paýhasly halk.Siz olary gyryp, watanyny elinden alypsyňyz.Men Merwe gelenim bäri olaryň dilini öwrenýän. Ýaňky sazy bir diňlän bolsadyň, kaka! O bagşy hem beýik bagşy…

– Gyzym, rahatlan. Ýene bäş-alty aýdan biz Peterburga döneris. Fransuz dilinden sapaklaryňy dowam edersiň, piano çalarsyň.

– Maňa türkmen dilinden başga zat gerek däl.

– Sen kakaňy bütinleý äsgermän başladyň, Şura jan. Sen biziň ýeketägimiz ahyry. Ähli zat gül ýaly bolar, meniň gumrujygym.

– Elbetde. Ýöne meniň doglan günüm o bagşy hökman aýdym aýdar.

General dymdy. Öýlerine gelenlerinde gyzyny paýtundan düşürip, paýtunça bir zatlar pyşyrdady. Paýtunçy:» Bolýa, bolýa» diýip baş atdy-da paýtuny göni «Ýolbarsly» çaýhanasyna baka sürüp gitdi. Çaýhana baryp bagşynyň gulagyna bir zatlar pyşyrdady-da ýom-ýok boldy

**21. Tekstiň mazumyny öz içine alýan sözbaşyny anyklaň.**

A) «Sary gulpakly gyz»

C) «General»
B) «Bagşy oglan»
D) «Generalyň gaýgysy»

**Jogaby:** | | | |

**22.Tekstde suratlandyrylan obrazlara, olaryň ruhy ýagdaýyna berlen kesgitlemeleri dogry ýa-da nädogry anyklaň.**

1. General – başgalary äsgermezçilik edýän, öz gyzyyň göwnüne seretmeýan gaharjaň obraz.
2. Garly– Köpçülige ýagşylyk edýän, garyp-pukaralaryň tarapdary.
3. Şura – göwnaçyk, açyk ýüzli adamkärçilikli obraz.
4. Paýtunçy – juda ýaranjaň, rehimsiz obraz.

**Jogaby:** | | | |

**23.** (Ulanmak-9 bal) **Tekstdäki wakalaryň ösüş yzygiderligini anyklap, dogry görkezilen jogaby ýazyň.**

1. Gyz bagşyny doglan gününe çagyrýar.
2. Garly gyzy görüp guwanýar
3. Paýtunçy «Ýolbarsly» çaýhanasyna sürüp gidýär.
4. Genaral paýtunçynyň gulagyna pyşyrdaýar.

**Jogaby:** | | | |

**24. Teksti okap nähili netije(ler) çykarmak mümkinligini anyklaň.**
1-nji netije: Gyz bagşyny doglan gününe çagyrmaýar, general muňa garşy.
2-nji netije: Gyz bagşyny doglan gününe çagyrýar, sebäbi ol bagşynyň sesini gowy gördi.Gyzyň türkmen dili öwrenmek islegi güýçli.
3-nji netije: Bagşy gyzyň öýüne barmaýar, çünki paýtunçy oňa generalyň sözüni ýetirdi.
4- Bagşy gyzyň öýüne barýar, çünki bagşy çagyrlan ýere baryp, iliň hyzmatyny etmek onuň borjy.

**Jogaby:** | | | |

**25.** (Pikir ýöretmek-16 bal, giňeldilen jogaply) **Hekaýany tekst mazmunyna laýyk görnüşde dowam ediň. Pikiriňizi 60-80 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby:**___________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________

**2-nji ÇEPER TEKST.**
21-5-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.
**22**

Siz näme diýseňiz diýiberiň, ýöne men her ýyl birinji apreli baýram edýärin. On ýyldan bäri. Şol wagt meniň ýanaşyk goňşym bardy. Bir «domuň» bir gatynda, bir diwaryň iki tarapynda ýaşaýardyk. Çakdanaşa gaty gödegräk adamdy. Bir gün diwaryma merhum kakamyň suratyny asmak isledim. Bilýäň-ä, beton diwara çüý girmek kyn. Zordan kakyp goýdum. Ertesi görsem, diwaryň beýleki tarapyndan bir garyş çüý çykyp dur. Göräýmäge, goňşym maňa garşylyk edip, çüý kakyp, birhili surat asan bolmaly.

Baýram güni dört ýaşly oglum guwansyn diýip, oýnawaç surnaý alyp geldim. Goňşym bolsa kollejde okaýan ogluna hakykatdanam kernay alyp berdi. Gijesi bilen ataly-ogul kernay çalmagy öwrenip çykdylar. Güýç bilen çalnanda kernay gaty geň ses çykaryp başlaýar...

Bizde ýönekeý magnitofon bardy. Bir gün çagalar sesi biraz güýçli edip aýdym diňläpdirler, ertesi goňşym «saz merkeziniň» kolonkasyny biziň diwara ýaplap, gijesi bilen rok sazyny goýup çykdy...

Her kim öýüniň öňündäki meýdança nahal ekipdi. Biziň iki düýp miweli daragymyz gül açdy. Goňşymyzyň eken söwdi bolsa hiç ösüş görkezmedi. Ýöne şatlygym uzak dowam etmedi: miweli daragtymyz reňk alyp başlanda gurap galdy. Aşagyndan hemişe kerosin ysy gelýärdi. Mejbury kesip taşladyk.

Üstesine-de, telefonymyz goňşym bilen birikdirilipdir. Haçan jaň etjek bolsam, goňşym trubkany galdyryp goýýar — ne maňa bar, ne oňa.

Bir gün iş ýerimde dostuma ýagdaýymy aýdyp berdim.

— Şujagazmy? — diýdi dostum. — Görersiň, birinji aprele çenli bu meseläni çözeris.

Ol şeýle diýdi-de, goňşyma jaň etdi. Paralel telefondan men hem diňläp durdum.

— Bu Alymowyň öýümi? — diýip, dostum sorady.

— Ýok, men onuň goňşusy. Näme boldy? — diýdi goňşym.

— Men onuň institutdaky dosty — diýip, dostum aýtdy. — Alymowy gutlamakçydym. Ol bilelikdäki kärhananyň ýolbaşçysy bolupdyr.

— Aýlygy-da artandyr? — diýip, goňşym içini çekdi.

— Hawa, dollarda alýar!

Goňşym sesini çykarman trubkany goýdy.

Ertesi dostum ýene jaň etdi:

— Alymowy deputatlyga dalaşgär edipdirler...

Goňşym aljyrap başlady. Birnäçe günden soň ýene jaň:

— Daşary işler ministrliginden jaň edýäris, Alymow bäsleşikde ýeňipdir, daşary ýurda bir aýlyk syýahata gitmeli...

Şondan soň goňşymyň keýpi gaçdy. Bir gün:

— Alymow nädipdir? — diýip soradylar.

— Ol öler ýaly ýagdaýda ýatyr... — diýip, goňşym zordan jogap berdi.

Dostum bolsa:

— Wah! Goňşyňyz lotereýadan maşyn utupdyr...

Şondan soň gysga signal sesleri eşidildi.

Agşam öýe barsam, goňşym ýok. Ýüreginden tutup, hassahana äkidipdirler. Bir aýdan soň gaýdyp geldi, ýöne uzak galmady — göçüp gitdi.

Şol gün birinji apreldi. Ine, şondan bäri on ýyl geçdi. Şondan bäri men her ýyl birinji apreli baýram edýäris.

**Ötkür Haşimow**

21. (Bilmek-8 bal) **Tekstiň mazmunyny gurşap alýan sözbäşyny anyklaň.**

A) «Utukly bilet»

B) «Godek goňşym»

C) «Guran daragt»

D) «Telefon»

E) «Diwar»

**Jogaby:** | | | | | |

22. (Ulanmak-9 bal) **Tekstde suratlandyrylan obrazlar we olaryň ruhyýetine berlen dogry tarypy anyklaň.**

1. Alymow – daş-töweregindäkilere görip, öjüni açyklyk bilen däl-de, bilgeşleýin alýan ynsan.
2. Goňşy – başgalaryň üstünligine görüpçilk edýän, basme-bäs iş edýän adam.
3. Alymowyň dosty – hemme kişä hezil edýän, telefonda wagt geçirýän işsiz.
4. Goňşy – talantly ynsanlara höwes edip, olara meňzemäge hereket edýär.

**Jogaby:** | | | | | |

23. (Ulanmak-9 bal) **Tekstdäki wakalaryň ösüş yzygiderligini anyklap, dogry görkezilen jogaby ýazyň.**

1. Dosty 1-nji aprel hezilini rejeleşdirýär we goňşusyna Alymowyň uly wezipä çekilendigini hakynda ýalan habar berýär.
2. Goňşusy göçüp gidenden soň, Alymow her ýyly 1-nji apreli baýram edip belleýär.
3. Alymowyň işigindäki miweli agajy kerosin sepilenligi sebäpli gurap galýar.
4. «Lotereýa utugy» hakyndaky habardan soň, goňşusy ýürek keseline uçraýar.

**Jogaby:** | | | | | |

24. (Pikir ýöretmek-14 bal, gysga jogap) **Teksti okap, nähili netijelere gelmek mümkin?**

1-netije: hetdenaşa edilen hezil ynsalar arasyndaky ýakyn gatnaşyklaryň bozulmagyna alyp barýar.
2-netije: garşylyk ynsanlaryň öz üstünde köpräk işlemegini gazandyrýan proses.
3-netije: ynsan özgeleriň bagtyna guwanmagy öwrense, özi hem dynç ýaşaýar.
4-netije: göriplik ynsanlara zelel getiriji, kalbyny we ruhyýetini zaýalaýan häsiýet.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

25. (Pikir ýöretmek-16 bal, giňişleýin jogap) **Hekaýany tekst mazmunyna laýyk görnüşde dowam ediň. Pikiriňizi 60-80 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby:**____________________________________________________________

**3-nji ÇEPER TEKST.**
21-25-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.
**23**

Polisiýa işgäri Jim Uels köçeleri barlap gezýärdi. Ol uzyn boýlydy, ädimlerini birneme giň goýup ýöreýärdi. Bir köçä ýetende ädimini haýallatdy-da, demir önümleri satylýan dükanyň öňünde bir adama duşdy. Ol adam polisiýany görenden gürläp başlady:

– Hemme zat ýerinde, seržant, dostuma garaşyp durun. Bu duşuşygy biz ýigrimi ýyl öň meýilleşdiripdik. Size geň görünse-de, düşündirip bereýin. Bu dükanyň ýerinde öň «Ata Jo Bredi» restorany bardy.

– Ony bäş ýyl öň ýykypdylar, – diýip, polisiýa aýtdy.

Näbelli adam kükürt çakyp, sigaret otlanda onuň ýüzi, dörtburç eňegi, ýiti gözleri hem-de sag gaşynyň ýanyndaky ak çandygy görnüp durdy. Ýuka galstugyndaky uly göwher gözli düwmesi ýagtylykda şöhle saçdy.

– Mundan ýigrimi ýyl öň şu restoranda dostum Jim Uels bilen bile naharlanypdyk. Ikimiz Nýu-Ýorkda dogan ýaly bolup ulaldyk. Soň men Günbatara gitdim. Jimmi bolsa Nýu-Ýorkda galdy, ol bu şäheri örän gowy görýärdi. Biz ýigrimi ýyldan soň, şu ýerde duşuşmaga sözleşipdik.

– Gyzykly, şunça ýyl geçipdir, soň dostuňyzdan habar boldumy? – diýip, polisiýa sorady.

– Başda bir-iki ýyl hat alyşdyk, soňra aragatnaşygymyz kesildi. Emma anyk bilýärin, ol sözleşilen ýere hökman geler. Biz restoranyň öňünde aýrylyşanymyzda sagat takyk ondy, – diýip, näbelli adam sagadyny çykardy. Sagadyň gapagynda ownuk göwher daşlar bardy.

– Görnüşine görä, Günbatarda işleriňiz oňat gidipdir? – diýip, polisiýa aýtdy.

– Elbetde, örän gowy boldy!

Polisiýa: – Bolýar, men gideýin.

– Hawa, men ýene ýarym sagat garaşaryn. Ýoluňyz açyk bolsun!

– Gijäňiz rahat bolsun, – diýip, polisiýa ýoluny dowam etdirdi.

Aram-aram öwüsýän şemal sowuk ýele öwrülýärdi. Müňlerçe mil ýol geçip gelen adam bolsa, dostuna beren wadasynda durmak üçin garaşýardy.

Ýigrimi minut geçensoň, uzyn boýly bir adam köçäni howlukmaç kesip geçip, näbelli adama tarap geldi.

– Bu senmi, Bob? – diýip, täze gelen ynamsyzrak sorady.

– Sen Jimmi Uels dälmi? – diýip, beýlekisi jogap berdi.

– Eý, Hudaý! – diýip, uzyn boýly adam sigaret çekýän adamyň iki elini tutdy. – Sered-ä, Bob ekenligiň açyk-aýdyň görünýär. Ýigrimi ýyl – az wagt däl. Aýt gör, günbatarda nähili ýaşadyň?

– Gaty gowy. Ol ýerde ähli maksatlaryma ýetdim. Sen bolsa gaty üýtgäpsiň, Jim. Ýadymda, sen menden iki-üç dýum pesdiň.

– Hawa, ýigrimi ýaşdan soň biraz ösüpdim.

– Seniň işleriň nähili, Jimmi?

– Ýaman däl, şäher edaralarynyň birinde işleýärin. Bolýar, Bob, ýör, bir ýerde oturyp gürrüň edeli.

Olar ýola düşdüler. Bob Günbatarda bagtynyň açylandygyny, baýap gelendigini tolgunyp gürrüň berýärdi. Ýanyndaky adam bolsa ýakasyny galdyryp, ony üns bilen diňleýärdi.

Köçedäki dermanhananyň çyrasy ýanyp-sönýärdi. Ýagtylyga gelende, ikisiniň hem gözi biri-biriniň ýüzüne düşdi. Günbatardan gelen adam birden saklandy:

– Siz Jim dälsiňiz. Ýigrimi ýyl uzak möhlet, emma adamyň uzyn burnunyň düwmä öwrüler ýaly uzak däl.

– Bu wagtda täsin adam hem jenaýatça öwrülip biler, – diýip, beýlekisi aýtdy. – Gep şeýle, Bob, siz on minutdan bäri tussagda. Çikagodakylara sizi şu ýerde tapyp boljakdygyny aýdypdylar. Siz artykmaç garşylyk görkezmediňiz, şoňa minnetdar. Indi sizi polisiýa tabşyrmazdan öň size bir hat bererin. Ony şu ýerde okaň. Bu haty maňa polisiýa işgäri Jim Uels berdi.

Günbatarly adam haty okap gutarandan soň, elleri biraz titredi. Hat gysgaçady:

«Bob! Men bellenen ýere geldim. Sen kükürt çakan pursatyňda, Çikago tarapyndan gözlenýän adamyň senligiňe düşündim. Seni özüm tussag edip bilmezdim, şonuň üçin agentlerimiziň birini iberdim. Jimmi».

**O. Henri**

21. (Bilmek-8 bal) **Tekstiň mazmunyny öz içine alýan sözbaşyny anyklaň.**

A) «Çikagodaky jenaýat»
B) «Wepadar dost»
C) «Ýigrimi ýyldan soň»
D) «Syrly hat»
E) «Bihuda sarplanan wagt»

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

22. (Ulanmak-9 bal) **Tekstde beýan edilen obrazlary we olaryň ruhy ýagdaýlaryna degişli dogry düşündirişlerii kesgitläň.**

1. Polisiýa işgäri – aslynda özüni tanatmak islemeýän Jim Uelsdi, ol öz borjuna wepaly, emma dostlugy gadyrlaýan däl adam.
2. Bob – işi şowuna bolan, işewür, Günbatarda ep-esli baýlyk toplan, emma gözlegde bolan şahs.
3. Ýerli agent – iş bilen bagly ýalan sözlemeli bolsa çekinmeýän, öz işine kän bir jogapkärçilik bilen çemeleşmeýän obraz.
4. Bob – Günbatarda maddy taýdan üstünlik gazanan, öz meýilnamalary barada açyk gürrüň berýän, ynanjaň we örän sada adam.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

23. (Ulanmak – 9 bal) **Tekstde wakalaryň ösüş yzygiderliliginiň dogry berlen jogabyny ýazyň.**

1. Ýerli agent gözlegde bolan şahsy – Boby tussag edýär.
2. Bob bilen Jim Uels takyk ýigrimi ýyldan soň sagat 10-da duşuşmaga sözleşýärler.
3. Jim Uels bellenen ýere wagtynda gelýär, emma ol özüni Boba tanatmaýar.
4. Jim öňki dostuny – gözlegde bolan Boby özi tussag etmegi islemeýär we oňa hat ýazyp, ýerli agent arkaly iberýär.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

24. (Pikir ýöretmek-14 bal, gysga jogap) **Teksti okap, haýsy netijelere gelmek bolýar?**

1-nji netije: dostluk bilen borjuň arasynda saýlamaly bolnanda, yhlasly adamlar dostluga däl-de, borja wepaly bolýarlar.

2-nji netije: nädogry ýol bilen gazanylan baýlyk adama rahatlyk duýgusyny bermeýär.

3-nji netije: siz dost diýip ynanan adamyňyz şahsy bähbidi üçin size dönüklik edip biler.

4-nji netije: käbir adamlar duşmançylygy başga biriniň eli bilen amala aşyryp biler.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

25. (Pikir ýöretmek-16 bal, giňişleýin jogap) **Hekaýany tekst mazmunyna laýyk görnüşde dowam ediň. Pikiriňizi 60-80 söz bilen beýan ediň.**
**Jogaby:**_____________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

**4-nji ÇEPER TEKST.**
21-25-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.
**24**

Biziň obamyzda ilki gülleýän agaç ak sözen. Onuň gülleri-de üýtgeşik. Obamyzyň hemme zady onuň bilen bagly. Ak sözene dahylsyz ýekeje hojalygam tapmarsyň. Şonuň üçin biziň hemmämiz oňa hormat bilen garaýarys.

Obamyzyň teşnesini gandyrýan guýymyzyň süňňi hem ak sözen bilen örtülen. Ho-ol aňyrdan akjaryp görünýän utunam, birsyhly aýlanyp duran çarham, hatda çarhyň içinden geçýän basranam ak sö-zenden. Onsoň sen ony neneň sylamajak?!

Ak sözen bilen bagly başga-başga-da kän zatlar bar. Gülsün eje bäbeji giň kellesini goýup ýatýan sallançagyňam sallançak agajyny ak sözenden edýär. Ak öýleriň bosagasam ak sözenden. Garaz, obamyzyň ösüp-örňeýän bäbejikleriniň hemmesem sallançagyň üstünde örleýär. Hatda Tolpy ussa gara ýeriň ýedi gat astyndaky süýji suwunyň bardygyny ak sözen bilen aňlaýar. Onuň aýtmagyna görä, ak sözeniň köki on iki gulaja dagy ýetýär. Onsoň daşlyrak golda bäş-alty sany sözen agajy oturan bolsa, şol ýeri gazsaň, süýji suwuň üstünden barjakdygyňy takyk aýdýar.

Tolpy ussa henize çenli ýalňyşanok. Ýalňyşmaýanynyň sebäbi, ol obamyzda janly tebigatyň diline dogry düşünýän ýeke-täk adam. Eger sen sährada ýaşajak bolsaň, eneň öwredýän dilinden soň sähranyň dilini öwrenmeli. Henize çenli ony okap aňyrsyna çykan ýok. Sebäp, ol — janly tebigatyň dili.

Gülsün eje namaza duran wagty ýüzüni kybla tarap öwürýär. Meniň aýtjak bolýan zadym bu agajyň ynsan häsiýeti bilen birmeňzeşligi. Sebäp, niçeme ýyllardan soň sözen agajynyň ömri paýawlanda olam kybla tarap egilýär. Ýogsam gandym, çerkez, sazak ýaly başga agaçlaram sährada gyt däl. Olar öz islän ýerlerine gyşarýarlar. Sözen agajy bolsa arkasyny namazarka öwrüp, ýüzüni kybla bakdyrýar, edil namaza duran adam ýaly. Maňa sözen agajynyň ýaraýanlygy onuň öserini asmana — Alla tarap gö nükdirýänligi. Sözen agajynyň ýene bir täsinligi — ol hiç haçan çat açmaýar. Şonuň ýaly-da onuň süňňüne çüý çüýläp bolmaýar.

Men ýene bir zady aýtmakçy. Olam sözen agajynyň haýyrlylygy barada. Ilkinji gumly heniz sähra oýunlary bilen doly öwrenişmänkä ýowuz tebigat oňa göz görkezýän ýaly, asmandan güýçli boran ýagýar, hamala, bujagy çözülen ýalymyşyn. Ol bir gün däl, iki gün däl, uzak wagtlap ýagýar. Nowruz ýa g şy ýaly, bu ýagan ýagyş

dünýäni suw-sil edýär. Onsoň şu ýerde ilkinji gumlynyň öň görmedik, hat-da eşitmedik zady ýüze çykýar. Gorpuň gyrasynda ömrüni paýawlap geçiren äpet sözen agajy kybla tarap egilýär-de, başyny gorpuň aňry ujuna ýaplaýar. Görseň, ol kimdir biri eli bilen eden ýaly tä sin köpri bolup duruberýär. Onsoň ilkinji gumly şeýle pikir edýär: «Ol heniz juwan wagt-a il-gün onuň kölegesinden peýdalanýar, haýwanlaram — gülünden».

Ir döwürler Ýerbent ýaýlasyndan Käbä gidýän adamlara şeýle sargyt eder ekenler: «Kyblaýy-Käbe aýak ýeterden gaty uzakdyr. Şonuň üçin sen ýalňyşmazyň ýaly, bir-ä ýyldyzlara seretgin, haçan-da Akmaýanyň ýoly çarwalaryň bilguşagy ýaly süýnende, Kybla tarap süýnýändir. Birem guran sözen agajyna seretgin. Olam kybla tarap egil- ýändir. Bu seniň uzak ýoluňa çelgi bolar».

Onsoň kerwen Ýerbent ýaýlasyndan ugraýar. Soňam Kerbelanyň çölünden sag-aman geçensoň ýalňyşman Käbäni tapýar.

Sözen agajy barada ýene-de näçe aýtsaň aýdyp oturmaly. Ýene mukaddes zatlaryň köpüsi sözen agajy bilen bagly. Gyzlar ikiýüzli başdaraklaryny sözen agajyndan ýasadýarlar. Hatda obamyzyň gyzlary kimdir birine göwün berip, äht-peýman edende-de, ýene sözen agajyna sygynýarlar. Gyz obamyzyň ilersindäki sözen agajynyň ygynda durup ýuwaşja pyşyrdap şeýle diýýär: «Ölsem-ä — ýeriňki, ölmesem — seňki. Sözü me ak sözen şaýat bolsun». Pygamber ýaşyna ýetenleriňem golundaky hümmet hasasy sözen agajyndan edilýär.

Ak sözeniň güllän wagty ony görmäge göz gerek. Ol edil dulda oturan ulugyz ýaly sülmüreýändir welin, wasp etmäge söz tapmarsyň. Onsoň, görseň, onuň gülleri üýtgeşikdir. Onuň özüniň täsin bolşy ýaly güllerem täsin. Hiç bir agaçda bolmaýan owadan gök gül sähralarda başga ýok. Megerem, dessanlardaky waspy ýetirilýän elwan gül diýilýän gülem sözen agajynyň güli bolmaly. Onsoň güller dänelär. Soňam heniz kürteden çykmadyk gelniň sülük barmaklary ýaly şelpe emele geler. Şelpeler, bir görseň, gum gögerçininiň ganaty ýalydyr. Bir seretseňem, hälki agzan sülük barmaklarymyza çalymdaş. Ynha, indi bir zady pikir etmeli. Adamyň ömri iki sallan-çak arasy. Ol doglanda sözen agaçly sallançaga salynýar, gidende-de başujunda sözen agajy goýulýar.

* * *

Men şu gün ak sözeniň bitýän ýerine tarap ugradym. Meni begendiren zat Üpükgojanyň gapysynda sözen agajynyň entegem öz mähriban dilinde gepleýänligi. Obamyzyň ortasyndaky örümli guýymyzyň henizem düýbüne Gün düşmese-de, onuň il-günüň teşneligini gandyrýanlygy. Men daňa çenli çirim etmän geçirdim. Sähralar hemişeki bolşy ýaly, öz heňini çalýar. Ho-ol aňyrdaky ak sözeniň üsti bolsa guşlaryň jagyl-jugulyndan doly. Men biygtyýar şolara tarap ýöneldim. Haçan-da golaýlaberenimde selin tümmekleriniň aňyrsynda iki sany gara kelle göründi.

— Daýy, guşlary ürküzäýme, öňem biz olary zordan gondurdyk.

Men ýaşlygymyň sesini eşiden ýa ly bol dum...

21. (Bilmek-8 bal) **Tekstiň mazmunyny öz içine alýan sözbaşyny anyklaň.**

A) «Ýerbent ýaýlasy»

B) «Obamyzyň buýsanjy»

C) «Ak sözen»
D) «Meniň obam»
E) « Mukaddes zat»

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

22. (Ulanmak – 9 bal) **Tekstde beýan edilen obrazlary we olaryň ruhy ýagdaýlaryna degişli dogry düşündirişlerii kesgitläň.**

1. Tolpy ussa – il hatary ak sözene hormat goýýar, hatda ýerden çykýan süýji suwy hem ak sözene baglaýar.Başgalar ýaly ol ak sözene parhly seretmeýär. Onuň üçin ak sözen ýönekeý ösümlik.
2. Gülsün eje – başgalar ýaly ol ak sözene parhly seretmeýär. Onuň üçin ak sözen ýönekeý ösümlik.
3. Daýy – oglanjyk diýdigine seretmezden guşlary urküzýär. Onuň guşlara we ösümliklere mähri ýok.
4. Oglanjyk – hemme hatary ak sözene hormat goýýar. Guşlaryda gowy görüp, olary dänä öwrenişdirýär.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

23. (Ulanmak-9 bal) **Tekstde wakalaryň ösüş yzygiderliliginiň dogry berlen jogabyny ýazyň.**

1. Oglanjyk ak sözeniň bitýän ýerine ugraýar.
2. Tolpy ussa henize çenli ýalňyşanok.
3. Ak sözeniň güllän wagty ony görmäge göz gerek.
4. Iki sany adamdan ak sözeniň üstündäki guşlary ürküzmezligi haýyş edýär

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

24. (Pikir ýöretmek-14 bal, gysga jogap) **Teksti okap, haýsy netijelere gelmek bolýar?**

1-nji netije: ak sözen hemme ýerde mukaddes hasaplanýar, ony goramaly.
2-nji netije: adamlar hemişe biri-birine hormat goýup ýaşamaly.
3-nji netije: tebigay söýmegi we onuň janly-jandary ezizlemegi, aýawly saklamagy başarmaly.
4-nji netije: adamlaryň söýgüsini gazanmaly.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

25. (Pikir ýöretmek-16 bal, giňişleýin jogap) **Hekaýany tekst mazmunyna laýyk görnüşde dowam ediň. Pikiriňizi 60-80 söz bilen beýan ediň.**

Jogaby:____________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

**5-nji ÇEPER TEKST.**

21-25-nji soraglar tekst esasynda ýerine ýetirilýär.

**25**

Nyşan aga bilen men Kislowodskiniň Narzan galereýasynyň öňünde tanyşdym. O-da bu ýere ýüreginiň aladasyny etmäge gelen ekeni. Garaýagyzdan gelen dolmuş, başy könelişip ugran şlýapaly togalak adama men onuň gürrüňlerini diňläp höwrügdim. Ilkiler ýekeräk giden ýerlerime hem soňra onuň bilen bileräk gidäýenimi kem görmedim.

Biz öz bolýan «Oržanikidze» sanatorimizden şäheriň ortasyndaky Narzan galereýasyna her gün günorta naharyndan soň biraz dynç alyp, pyýadalap gürleşip giderdik.

Yzymyza gaýdanymyzda bolsa duralgada garaşyp, ýörite taksi bilen dolanyp gelerdik. Maňa galsa-ha, şeýle gowy gürrüň bolsa ol ýerdenem pyýadalap gaýtjak-la, ýöne Nyşan aga: «Pyýadalap ýapy ýokary ýerlere çykybersem, demim ýetenok» diýensoň nalaçdym.

Şu gürrüňi aýdyp berende-de biz ýoldadyk. Biraz ýöränimizden soň Nyşan aga öz-özünden «hys» edip başyny ýaýkap güldi-de: «...Hä, biziň türkmen aga-da, bi munuň her töwre adamlary bolan...» diýip, meniň ýüzüme seretdi.

- Sen eşiden dälsiň, biz-ä oglanrakkak ol adamyň özünem görüpdik.

...Onuň bir gowy aty bar ekeni. Biz ony göremzok, ýöne obada kakam deňi ýaşulular ol atyň gürrüňini köp ederdiler. Görseň, gadamy gerimli, kellesi kiçiräk, balykbeden bir owadan, ýöne sygyryp synlap oturmaly atmyşyn. Ol aty taýçanak wagty Berdi jedeliň ogluna bir ýola ejesi bilen gezelenje mamalaryna baranda babasy inji berenmişin.

Mamasy agtyjagynyň barmajygyny soryanyny görüpdir-de, ony adamsyna-da görkezipdir. O-da agtygyny synlap, oňa soraýan zadyny, inji bermelidigini duýupdyr-da: «Şol taýçanak, oglum, seniňki bolsun» diýip, öýüň töwereginde dabyrap çapyp ýören taýçanagy görkezipdir. Birki aý geçip-geçmänkä ýaşulynyň ogullary taýçanagy Berdi jedeliň öýüne getirip gidipdirler. Şeýdibem, Berdi jedel oguljygynyň arkasyndan gapysy atly bolupdyr. Taýçanak aňyrsy bir ýyldan aýagulag bolmaga ýarap ugrapdyr. Soňundan ony onuň-munuň toýunda baýraga çapyp ugrapdyrlar. Aňyrsy iki-üç ýyldan bolsa ol obada öňüne at geçirmändir. Deň-duşlary: «Berdi, sen beýle gowy aty nädip ýetişdirdiň?» diýse, ol: «Göroglynyňky ýaly ýerküme gazyp, Gün görkezmän kyrk

gün sakladym» diýip ili gülüşdirýärmiş. Ol at üç-dört ýyl gazygynyň töweregini depelänsoň, pukararak ýaşaýan Berdi jedeliň egnini galdyranmyş. Goňşy obalaryň toýlarynda hem soňabakan onuň öňüne geçen at tapylmandyr. Ilki ugralan mahaly beýleki atlar bilen deňräk çapýan-da bolsa, pellehana sesýetim galanda, Berdi jedel bir ýapyrylan ýaly edermiş welin, ana, onsoň at hemmeleri tozanyna garyp süýnüp gidibirmiş. Oňa soňra: «Biziň obanyň aty» diýip ýaryş mahaly obadaşlary janköýerlik edişip ugrapdyrlar.

Berdi jedeliň atyna gözi gidip ony satyn almakçy bolan pully-mally adamlaram bolupdyr. Ýöne Berdi jedel atyny özünden başga hiç kime rowa görmändir. Elbetde ilçilik, onuň atynyň söbügini basyp pellehana gelýän, onuň at-abraýyna bäsdeşlik edýän atlar obada başga-da birdir-ikidir bolupdyr. Has-da Nurjuma atly bir ýigidiň demir gyr aty onuň bilen irginsiz bäsleşipdir.

Oba adamlarynyň arasynda «Ýene birki ýyldan bu at jedeliň atyny tozanyna garar» diýýänler-de bar ekeni. Berdi jedel bolsa «Nurjumaň aty ýene birki ýyldan däl, on ýyldanam meniň atymyň yzyndan ýetip bilmez... » diýip, olar bilen eňekleşer ekeni. Berdi jedeliň «jedel» lakamyny almagyna-da hut şu atly, baýrakly gürrüňler sebäp bolupdyr. Ol gazy-haşar işlerine gidilen wagty hem atyny ýanyndan goýmaz ekeni. Ony golaýynda örkläp, otuna-suwuna seredip, şeýle gowy atynyň bardygyna öz ýanyndan begenip gezer ekeni. Bir gezek Gara mirabyň: «Haý oglanlar, ýetişiň, at gidendir how» diýen sesi gazyçylary ýabyň raýşyna çykarypdyr. Görseler Berdi jedeliň atyna gözi gidip, amat peýläp gezen ogrularyň birisi ony münüp, jylawyny deňläp baýra bakan tutduryp barýarmyşyn.

Haýal etmän atly adamlaryň birnäçesi onuň yzyndan kowgy bolup gidipdirler. Berdi jedeliň özi-de biriniň atyny münüp, olaryň birisi bolup gidipdir. At ogrusy bu ýerli däl bolarly. Ol ýol yzarlap, onuň egrisini egri, dogrusyny dogry basdyryp gaçypdyr. Şonuň üçinem gönüläp kowan ýola belet kowgular, ol bir düz meýdana ýeten mahaly arany has ýygrypdyrlar. Has-da Nurjumanyň demir gyr aty ony özge kowgulardan saýlanyp kowupdyr. Berdi jedele soňabakan ol indi öz atyny kowup alarly bolup görnüpdir: «Ol Nurjumanyň aty meniň atymy kowup ýetäýse, muny oba üýşüp gürrüň eder» diýip, öz mertebesi hakynda şübhä gidip ugrapdyr. Şol barmana-da, kimdir biri onuň ýüzüne: «Seniň şol öwgüli atyňy, ine, häzir kowup ýetýäs» diýen manyda gyjalatly seredibem goýberenmişin. Berdi jedel atynyň yzyndan ýetilse özi bilen deň-deprenişip jedelleşýän adamlaryň soňundan: «Äý, sen goýsana, atyňy öwme, seniň atyňy-ha kowup yzyndan ýetse-de bolýar...» diýip, şu wakany ýatladyşyp, özüne ýeň berilmejegini ýatlapdyr.

Bu bolsa onuň özündenem ileri görüp apalap ýören mertebesine howp salypdyr. Ol ýapyrylyp at çapyp barşyna, birdenem: «Haý, zaluwat ogry, penjäň bilen kak atyň sag gerşine, pellehana golaý gelnenini duýdur!» diýip, janköýerlik edip, aty has tijenip çapmagyň wagty gelenini aýdyp, gygyryp goýberipdir. At ogrusy onuň diýenini edipdir welin, şundan soň onuň alyp barýan aty sapandan sypan ýaly bolupdyr-da, yzyndan ýetip gelýän goh-galmagally kowgulary tozanyna garyp gidipdir...

**Agageldi Allanazarow**

21. (Bilmek-8 bal) **Tekstiň mazmunyny gurşap alýan sözbaşyny anyklaň.**
A) «Obamyzyň buýsanjy»

B) «At ogrusy»
C) «Kurortda»
D) «Berdi jedeliň aty»
E) «Nurjuma we Berdi jedel»

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

22. (Ulanmak-9 bal) **Tekstde suratlandyrylan obrazlar we olaryň ruhyýetine berlen dogry tarypy anyklaň.**
1. Berdi jedel – at-abraýa, şan-şöhrata kowalaşyp, öz atyndan dynýar.
2. Nurjuma – Berdi jedeliiň atyny ogry alyp gaçanda adamkärçilik edip, ýagşylyk etmek maksadynda ogrynyň yzyndan kowýar.
3. Nyşan aga – fiziki we ruhy tarapdan sagdyn bolsa-da, ýuwaş hereket edýär, gürrüňe kän goşulmaýar.
4. Baba – agtygyny gowy görýän sahy adam.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

23. (Ulanmak-9 bal) **Tekstdäki wakalaryň ösüş yzygiderligini anyklap, dogry görkezilen jogaby ýazyň.**
1.Ogry Berdi jedeliň atyny alyp gaçýar.
2. Nyşa aga obasyndaky bolan wakany gürrüň berýär.
3. Nyşan aga bilen men Kislowodskiniň Narzan galereýasynyň öňünde tanyşdym.
4. Mamasy babasyna agtygynyň inji soraýany aýdýar.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

24. (Pikir ýöretmek-14 bal, gysga jogap) **Teksti okap, nähili netijelere gelmek mümkin?**
1-netije: gedemlik, şan-şöhrata artyk berilmek bolmaýar.
2-netije: adam hemişe pespäl bolup ýaşamaly.
3-netije: ynsan mydama ýagşylyk etmäge hereket etmeli.
4-netije: daş-töwerekdäkileriň sen hakdaky pikirleri bilen gyzyklanmaly.

**Jogaby:**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

25. (Pikir ýöretmek-16 bal, giňişleýin jogap) **Hekaýany tekst mazmunyna laýyk görnüşde dowam ediň. Pikiriňizi 60-80 söz bilen beýan ediň.**

**Jogaby:**